# Ýiti wenoz işemiýasy. Tromboflebit, flebotromboz, tromboflebitden soňky sindrom. Etiologiýasy, klinikasy, klassifikasiýasy, tapawutlandyryş anyklanylyşy we bejerilişi. Wena damar keselleri.

81%- Ýagdaýda flebotromboz injik myşsalaryndaky wena şahalarynda döreýär.Käbir ýagdaýlarda 1/3-1/2 näsaglarda 2-3 günüň içinde öz-özünden trombyň eremegi bolýar. Kliniki alamatsyz geçýär.40% ýagdaýda flebotromboz durnukly bolýar.

7-20% proksimal tarapa süýşýär- dyzasty we but-ýanbaş bölege geçýär.44% näsaglarda öýken arteriýasynyň tromboemboliýasy bolýar; Operasiýadan soň - 27,3 %;Öýken arteriýasynyň trombozy – 2-10 %;ölümçilik – 0,26 %;Ortopediýa we trawmatologiýa ulgamy-53 %.

Wena klapynlary ganyň retrograd akymyna päsgel beryär. Bu mehanizme *myşsa-wena pomposy* ýa-da *"periferiki ýürek"* diýip atlandyrylýar.
Wenoz trombozy-ýiti kesel bolyp, wena damarlaryň içinde belli bir derejede şikeslenme hadysalarynyň ýüze çykmagy esasynda wenoz akymynyň bozylmagy we ahyrlarda çişme alamatlary ýüze çykmagyna hem-de trombozyň ýerleşen ýerine görä, ýüze çykýan kliniki alamata tromboflebit diýip atlandyrylyar. Trombozyň döremegi üçin 3 şert zerur (Wirhow XIX asyr).Gan akymynyň peselmegi.Ganyň lagtalanmak häsiýetiniň üýtgemegi.Gan damarlarynyň zeperlenmegi

## Tromboflebit

**Tromboflebit** – wena damarynyň diwarynda çişme üýtgemeleri we tromb emele gelmegi, trombyň diwara gaty berkänligine aýydylýar.(embola hawply däl)
Flebotromboz – damaryň çişme üýtgemeleri az kem ýüze çykýar. Trombyň wenaň içinde emele gelmegi, ýumşak, diwara berkemedik.(embola howply).
**Etiologiýa:**
- Şikesler (döwükler, ýenjilmeler, gysylma);
- Operasiýadan soňky ýagdaýlar;Gaýnaglama hadysasy;
- Infeksion hadysa (endoteliniň üýtgemegi);
- Ganyň lagtalanma häsiýetiniň güýçlenmegi;
- Gan damar innerwasiýasynyň bozulmagy;
- Limfa akymynyň bozulmagy;
- Ganyň goýulandyrmak häsiýetiniň peselmegi;
- Kiçi çanaklyk agzalarynyň patalogiýasy.

**Ikilenji:**

1.Kiçi çanaklykdaky wenalaryň-tombozy;- çaga dogurmadan soň- çaga düşürme (abort);- kiçi çanaklykdaky operasiýalarda.

2. Wena damaryň içindäki üýtgemeler (şertleri):- ýanbaş wenalaň sepleşmegi;- aşaky içi boş wenaň anomaliýasy (diafragma görnüşde, germew, atreziýa);- dogabitdi germew;- gazanylan germew;

**Patofiziologiýasy:** Wenoz işemiýasynyň yzygiderli patofiziologiki prosesi, giperkoagulýasion ýagdaý, ýiti tutuş wenoz trombozy, suwuklygyň interstesianal boşlukda saklanmagy, ahyrlaryň tutuş işemiýasy, dokuma aralykdaky boşlukda basyşyň ýokarlanmagy, suwuklygyň ahyrlarda ýygnanmagynyň güýçlenmegi, giperwalimiki şok, wenoz kapilýarlaryň stazy, gögerme, aýlanýan ganyň kapilýar derejesinde saklanmagy, gök flegmaziýa (durkuna gelýän). Gangrena (durkuna gelmeýän) .

## Ýiti wenoz trombozyň klassifikasiýasy

Häzirki wagtda flebologiýada giňden ulanylýan klassifikasiýa W.S.Sawelýew (1972) tarapyndan hödürlenen.

1.Ýerleşýän ýeri boýunça:

-aşaky ahyrlaryň magistral wenalaryndaky tromboz – aşaky bölek;

- tromboz daşky we umumy ýanbaş wena – ortaky bölek;

- aşaky içi boş wenadaky tromboz – ýokarky bölek:

2. Etiologiýa şertleri:

- ilkinji:
- dogabitdi;

Kliniki akymy boýunça:

- kompensasiýa;

- dekompensasiýa:

Flebotrombozyň kliniki alamaty :ýerleşýän ýerine görä

1. Çuň injik wenanyň ýiti trombozy: agyry. Palpasiýada injik etlerindäki agyry.

Synaglar: Homansyň, Lewenbergiň we Mozesiň pozitiw(+); Çiş: dabanda we injikde.

2. Umumy but wenasynyň ýiti trombozy

Aýdyň kliniki alamatlary ýüze çykmagy: Çiş dabanda, injikde we butda; Dartgynly häsiýetdäki agyry; Deri örtüginiň gögermegi;

3. Çanyklykdaky wenanyň ýiti trombozy,aşaky ahyrlaryň ýiti trombozlarynyň sanynda, 10-15 % gabat gelýär.
4. Ýanbaş-but (ileofemoral) wenoz trobozy.

Operasiýadan soň, ýürek ýetmezçiliginde, şikesden soň, akuşer-ginekologiki patalogiýasynda.Köplenç aýal maşgalada duş gelýär (3 esse erkeklere seredeniňde) Çep tarapda ýygy duş gelýär.

## Klinikasy

Prodromal döwürde:

-gyzgynyň bolmagy,

-agyry/kütek we sorkuldaýan hasiyetli bilde,guýmaç töweregende,garnyň aşäky eteginde we aýaklarda.

Kliniki suratlandyrmasy 3-lik alamatdan ybarat:

-Agyry (gasykda, dyzda we injikde)

-Çiş (5 sm çenli; 5-9 çenli; 10 we ýokary)

-Deri örtüginiň üýtgemegi (şüýt görnüşli akdan gögümtil reňke geçmegi).

Daşary ýurt edebiýat çeşmelerinde ýiti ileofemoral trombozy iki topara bölünýär.

- Phlegmaziýa cerulea – gök flegmaziýa (durkuna gelýän)
- Phlegmaziýa alba dolens  ak flegmaziýa (gangrena).

Mahsus 4 sany kliniki alamat:Aýakda birden güýçli agyry; gögerme, tutuşlaýyn çiş we arterial damar urşunuyň kesgitlenmezligi.

Ýaýranlygy: wena trombozynyň işemiýasy köp alymlaryň aýtmagyna göra 2-15% çuň wenoz trombozlaryň esasynda bolup bilýär. Sebäbi: WTI esasy sebäpleri:

1. Şikeslenme;
2. Gan aýlanyşyü peselmegi.
3. Infeksiýanyň döremegi.
4. Operasiýadan soň.
5. Geperkoagulýasiýa we ş.m.

Köp ýagdaýda çep aýakda bolýar 4 esse. Köp ýagdaýlarda dabanda damar urşy kesgitlenmeýär. Kollaps alamaty ýüze çykýar – gipowolimiki şok esasynda (dokumalarda suwuklyk saklanmagy, ahyrlarda takmynan 3-5 litr möçberinde). Gök flegmaziýada – öýken arteriýa 14,9 % tromboemboliýa we 3,4% ölüme getirýär. Ak flegmaziýa- birnäçe günläp doly kesgitlemek kyn düşýär. Çiş, deriniň örtügi süýt reňkde, damaryň ugrunda az-kem agyry. Gök flegmaziýa köp ýagdaýda periferiki damar uruş kesgitlenmeýär. Töwerekleýin kollaps. Gangrena –işemiýa başlanandan soň 4-nji, 8-nji günde daban barmaklarynda gangrena alamatlary peýda bolýar.

Enjamlar bilen ýiti wenoz trombozy anyklamak.

1. Inwaziw däl usullary
2. Inwaziw usullary

I. Inwaziw däl usullary:

- Pletizmografiýa
- Radioinduksion
- USB (B-düzgünde, dopleks skan)
- Termografiýa
- ÝaMR tomografiýa

Häzirki wagtda has hem köp ulanylýan anyklaýyş usullarynyň biri Dopleks skan bolup durýar. Sebäbi:

- Takyk (ýokary duýujylygy)
- Agyrsyz.
- Çalt we doly maglumatly
- Operasiýa wagtynda we soň geçirilmegi, giňişleýin ulanylmagy we gaýtalamak.

Inwaziw barlaglar:

- flebografiýa: distal we proksimal

Flebografiýada ýüze çykýan gaýraüzülmeler:

- Ýatrogen trombozy 4%
- Allergiýa 3%

Aýakdaky çuň wenalaryň ýiti trombozy bilen tapawutlandyrylmaly keseller: Myşsalaryň we siňňirleriň kütek şikeslenmegi, Ýumşak dokumalarda öz-özünden gan öýmeleriň döremegi, Sinowial kistanyň ýarylmagy (Beýkeriň kistasy), Artrit, sinowit, miozit.,Sellýulit, limfangait, beze keseli, Ýüzleý wenanyň tromboflebiti, Arterial ýetmezçilik,Göwrelilik ýa-da kontraseptik serişdeleri ulanmak, limfadema, lipidema, hroniki wenoz ýetmezçilik, wena ulgamlaryň daşdan gysylmagy (limfoadenopatiýa, täze döreme, gematoma,absses, ýanbaş arteriýanyň gysylmagy.), Ulgamly çiş: ýüregiň dogabitdi parogy, hroniki böwrek ýetmezçilik, metaboliki bozulmalar, arteriýada operasiýadan soňky, gaýraüzülmeler, çiş we arteriowenoz fistula.

## Differensial kesgitleme

**1.Gök flegmaziýa:** reflektor angiospazm, ýiti selýulit – limfatiki çişden, ýiti periferiki gan aýlanşygynyň bozulmagy, ýiti arterial okklýuziýasy.
2. Wenoz gangrena: infeksion gangrena, gangrena, damaryň gaýraüzülmesi,gangrena – Ttrombangit – Býurger
3. Gan damarlaryň urgusynyň kesgitlenmeýänligi: arterial emboliýa, gangrena:gangrena ýiti arterial trombozy: gangrena arterial we wenoz damarlarynyň okklýuziýasy.

**Ýiti wenoz trombozyň bejergi**. Konserwatiw:
1.Agyry aýryjy serişde. 2. Antikoagulýant: Geparin ýa-da Kleksan; keseliň döräninden 6 sagada çenli ferment serişdeleri (trombolizisler: streptokinaza, rotakinaza, aktilaza); Wenaprotektorlar: Flebodiýa 600; Diohespan; Detraleks; Wenaruton. Spazmalitikler; Steroid däl alawlama garşy serişdeler: Naklofen, Diklofenak, Nurofen; Daşyndan: Lioton gel. Flebotromboz alamaty bolan ýagdaýynda elastiki bint ýa-da jorap we aşaky içi boş wena böwrek wenasyndan aşakda Kawa Filter goýmaly. 4-5 günüň içinde konserwatiw bejerginiň netijesizliginde operasiýa trombektomiýa amala aşyrylýar. Operasiýadan soňky döwürde antikoagulýantlar: aspirin, wenaprotektory dowam etmek 3 aýa çenli, elastiki bint ýa-da jorap 6 aý möhletleýin. Her 3 aýdan kontrol.

## Tromboflebitden soňky sindrom (TFSS).

1917-nji ýylda Hommons – ilkinji bolyp “Tromboflebitden soňky sindrom” diýen düşünjäni lukmançylyk ulgamyna girizdi we ahyrlaryň çuň wenasynyň trombozy esasynda döreýänligini belledi.
Şu günki günde tromboflebitden soňky sindrom adynyň analoglary:

- flebitden soňky sindrom
- trombozdan soňky kesel
- trombozdan soňky sindrom

Wena patologiýasynyň iň bir agyr görnüşleriniň biri tromboflebitden soňky sindrom bolup, wena keselleriniň içinde 28% dogry gelýär. Ösen ýurtlarda halkyň içinde keseliň 1% dogry gelýär. Esasy sebäpleri ýanbaş, but, çuň wenalaryň trombozy.

Trombotiki massalaryň wena damarlarynyň içinde rekanalizasiýasy geçmegi üçin azyndan 4-8 aý möhlet gerek bolýar.

**Tromboflibitden soňky sindromyň klassifikasiýasy**

I. Ýerleşen yeri.

1. Aşaky bölek (but-dyzasty).
2. Ortaky bölek (yanbaş-but)
3. Ýokarky bölek (aşaky boş wena).

II. Hili.

1. Ýerli
2. Ýaýran.

III.Görnüşi.

1. Çiş
2. Warikoz-çiş

IV. Dereje.

1.Kompensasiya;

2.Dekompensasiya (trofiki bozylmasyz,trofiki bozylmaly).

Bu sindromyň geçişi köp taraplaýyn bolup, dowamly wenoz ýetmezçilikleri alamatlary bilen yüze çykýar. Olardan az ýa-da uzak wagtlap gorizontal ýagdaýda aýak üstünde durylmaýan ýadowlyk, çiş, agyrylyk ýaly alamatlar we çalt agyr ýagdaýlarda yüze çykýan trofiki üytgeşmeler bolýar. Köplenç bular ýaly näsaglar agyr we durnykly maýyp bolup galýarlar.

**Klinika**

1.Agyry - iň ýygy alamat. Näsaglar köplenç aýakdaky agra, agyrlyga arz edýärler.

2.Çiş. ahyrlardaky çiş ýokary wenoz basyşyn täsiri astynda plazmanyň dokumalara süzülip geçmekligi netijesinde yüze çykýar.

3. Deriniň giperpegmentasiýasy - eretrotsitleryň öyjük ara boşlugyna çykyp dokumalarda gemosidiriniň emele gelmekligi netijesinde ýüze çykýar.

4.Deriniň we deri asty kliçatkanyn sklerozy- birleşdiriji dokumanyň ösmekligi netijesinde yüze çykýar. Wenalaryň warikoz giňelmesi bolup geçýär.

5. Dermotit-ekzema we wezikulýar örgün plazmanyn der bilen deriniň üstüni çykmaklygy netijesinde yüze çykýar.

6.Trofiki baş ýaralar. Gandan dokumalara iymit maddalaryň difuziýasynyň bozulmasy netijesinde, fibriniň gatlaklanmasy we dokuma fibrinolizin bozulmasy netijesinde trofiki baş ýaralar yüze çykýar.

Keseliň 3 sany kliniki döwürlerini tapawutlandyrýarlar:

1.Birinji döwründe ýokary ýadowlyk, agyrylar, aýagyň çişmekligi yüzleý wenanyň giňelmesi, residiwirleýan trombozlar bolmagy. Çişler durnyksyz we ahyryň ýokaryk galdyrlan ýagdaýynda çişiň gaýtmagy.

2. Ikinji döwründe durnykly aýdyň çişler deri asty ýag gatlagynyň agyryň mowjemesi galňamasy we injigiň içki distal bölekleriniň derisindaki giperpegmentasiýaň peýda bolmagy.

3. Üçünji döwründe ganyň durmaklygy netijesinde yüze çykýan dermotitler we ýaýraýan uzak wagtlap bitmeýän başýaralar emele gelmegi..

## Diagnostikasy:

1.Doppler barlaglary
2.Flebografiýa

## Konserwatiw bejergi.

1.Keseliň ähli döwürlerinde elastiki bint saralýar ýa-da joraplar geýilýär.
2. Gün tertibi (režim).
3. Wena protektorlar.

## Keseliň operatiw beiergisi

Operatiw bejerginiň görnüşleri.
Has giňden ullanylýan operasiýa:Lintonyň operasiýasy bolup çuň wenadan yüzleý wena patalogiki ganyň akmasyny aýyrmaklyk üçin perforant wenalarda geçirilýän operasiýa.Operasiýa Wedenski-perforant wenalaryň distansion okklyuziýasy.Operasiýa Palma.

## Ýaýjyk asty wenanyň ýiti trombozy (Pedžeta-Şretter sindromy)

Umumy ýiti wenoz trombozlaryň arasynda Pedžeta-Şretter sindromy 13,6-18,6 % ýagdaýda gabat gelýär. Köplenç erkeklerde 20-29 ýaş arasynda.

**Etiologiýasy:**

1.Ýaýjykasty wenanyň katetirizasiýasy
2.Ýaýjyk süňk bilen 1nji gapyrganyň arasynyň daralmagy
3.Ýaýjyk süňkiniň şikesi (döwük).

**Kliniki alamatlary:** eliniň, boýunyň, gerdeniň çişine, agyra we gögermegine hem-de dartgynlyga. Ýerli alamatlary ýokarky ahyryň tutuş çişligine boýundan başlap barmak uçlaryna çenli, elleriniň gökligine, palpasiýada ýyly agyryly¸ goşar arteriýada puls kesgitlenilýär.

**Anyklaýyş:** 1.Doppler, 2. Döş kapasanyň rentgen barlagy, zerur ýagdaýda KT

**Operasiýanyň görnüşleri:**

1. 1-nji gapyrgaň rezeksiýasy;
2. Autowenoz şüntirlenmesi:

**Warikotromboz**: Giňelen deri asty wenaň alawlamasy.
**Kliniki alamaty:** agyry, hereketiň çäklenmegi, gyzarma, çişe .
**Bejergi**:

1. Agyry aýyryjy serişdeler;
2. Antikoagulýantlar;
3. Daşdan geparin, lioton gel we.ş.m.
4. Elastiki bint ýa-da jorap.

**Operasiýa**: Troýanowa-Trendlenburga.

## Wena damar keselleri.

ABŞ. Welikobritaniya, Ýaponiya ýaly senagat taýdan ösen ýurtlarda, geçirilen dürli lukmançylyk statistiki barlaglaryň netijesine görä, aşaky ahyrlaryň wenoz ulgamynyň keselleri bilen halkyn 20 göterimine golaýy ejir çekýändigi anyklanyldy, of hem bolsa öz gezeginde bu meseläniň sosial taýdan ähmiýetliligini görkezyär. Bu meselede has hem göz öňune tutylmaly zatlaryň biri, bu kesel bilen keselleýän näsaglarda (halkyň 1%-ne golaýy) soňlygy bilen wenoz yetmezçiliginiň agyr görnüşleri yüze çykyp, näsaglary uzak wagytlaýyn we dumykly maýyplyga getirýärdi. Dürli ugurlar boýunça işleýän lukmanlaryň ählisi, çun wenalaryň trombozyna we onun bilen bilelikde geçýän öyken arteriýasynyň tromboemboliýasyna duçar bolýarlar. Wena keselleriniň geçişi baradaky döwrebap düşinjeler bilen tanyş bolmaklyk we bu keseliň anyklanylmasynda inwaziw däl (yokanç däl) barlag usullaryny amalda özleşdirilmesi wena ulgamynyň keselleriniň bejergisinde we anyklanşynyň netijesini yokarlandyrýar we bu keseliň soňraky gaýra üzülmeleriniň öňüni alyp bolýar. Ondam başgada lukmançylyk amalynda ulanylýan täze döwrehap lukmançylyk enjamlarynyň girizilmegi (SKLEROHIRURGIYA, SKLEROTERAPIYA bilen bilelikde, MIKROHIRURGIYA elementlerini özünde saklayan ENDOSKOPIK enjamlarynyň ulanylmagy) aşaky ahyrlaryň wenoz keselleriniň bejergisinde gin mümkinçilikleri açýar. Aşaky ahyrlaryň wenoz kesellerini dowamly, yiti görüşlerine we ol kesalliň netijesini tapawutlandyrmaly. Keseliň dowamly görnüşine, wena ulgamynyň dogabitdi yetmezçilikleri degişli, olardan: deri asty wena damarlaryň warikoz giňelmeleri, çun yerleşen wena damarlarynyň klapan ýetmezçiligi we perforant wena damarlarynyň ýetmezçiligi. Yiti wena damarlar keselleriniň arasyndan: deri asty ýa-da çun yerleşen wena damarlaryň ýiti tromboflebiti. Wena damarlaryň ýiti tromboflebitinin netijesine tromboflebitden sonky sindromy degişli edýärler.

**Anatomiýasy.** Aşakgy ahyrlardan ganyň syrykmasy üç hilli wenalar boýunça amala aşyrylýar: yüzleý, çuň ýerleşen we perforant (kommunikant) wenalar.

1.Ýüzleý wenalar uly we kiçi deri asty wenalar ulgamyndan ybaratdyr.

a) Uly deri asty wena öz başlangyjyny topugyň medial böleginden alyp gaýdyp aýagyň üstünden we medial böleginiň üstünden geçip sünmek şekilli çukurjygyň deňinde but wena guýýar.

b) Kiçi deri asty wena dabanyň laterial gyrasyndan, topygyň lateral tarapyndan öz başyny alyp gaýdyp baldyr myşsalarynyň kellejiginiň arasyndan geçip dyzyn iç yüzünde yerleşen wena guýýar.

2. Çuň ýerleşen wenalar - bu diwarlary ýuka damarlar bolup, arteriyalar bilen ady bir menzes jübüt yerleşen damarlar we olaryň iri şahalaryndan ybarat. Çun yerleşen wenalar yanbaş, but, injik we daban wenalar ulgamyndan ybarat. Injigin üç kelleli myşsanyň wena damarlary bilen üpjünçiligi, dyzyň iç tarapynda yerleşen wena guýulýan baldyr şekilli myssanyň wenalaryndan we yzky uly injik we kiçi injik wenalara guýulýan kambala şekilli wenadan ybaratdyr.3. Perforant. (Kommunikat) wenalar ýüzleý we çun ýerleşen wenalar üpjinçiligini öz arasynda

birikdirýär. Bu wena damarlar boýunça gan yüzley yerleşen wenalardan çun yerleşen wenalar tarapa ugrykdyrylýar. Wenalaryň deşip geçýän görnüşlerinin bir-iki sanysy butda, galany injikde yerleşýär. Dürli wenalar ulgamlarynyň arasyndaky arabaglanyşyklaryň köplüligi we wena ulgamlarynyň arasyndaky birikmeleriň bolmaklygy wena ulgamy üçin häsiyetli bolup, magistral (esasy) wenanyň dykylan ýagdaýlarynda kolleteral ýollar boýunça ganyň yzyna syrykmasyny üpjin ed

**Fiziologiýasy.** Aşaky ahyrlaryň ähli wena damarlarynyň iç yüzünden iki gabsaly klapanlary bilen üpjün edilen bolup, dine bir ugur boýunça ganyň yzyna syrykmasyny upjün edýär: yüzley wenadan çun wenalara tarap, distal böleginden proksimal bölegine tarap.Retrograd gan akymynyň täsiri astynda wena klapynlary ýapylýar, netijede gan akymynyň hereketi merkeze tarap ymtylýar, ol bolsa öz gezeginde myşsa nasosynyň işeňňir ýagdaýynda, wenalarda we kapilýarlarda basyşyň birden ýokarlanmasynyň öňüni alýar. Adam dik duran yagdaýynda, ganyň gidrostatiki basysy ýokarlanýar, aşakgy ahyrlardan ganyň yzyna syrykmasyny kynlaşdyrýar. Yone oňa garamazdan, nähilli hem bolsa budyn we injigin myssasynyň yygrylmasy netijesinde ganyň proksimal ugur boýunça akymy amala asyrylýar.

Wena klapynlary bolsa yokarda agzalyp geçilişi yaly ganyn retrograd akymyna päsgel berýär. Bu mehanizme myssa-wena pomposy ya-da "periferiki yürek" diyip atlandyrylýar. Kadaly talaba laýyk gelýän klapanlaryň bir tay gabsasy berk bolup 3 atmosfera basysy saklap bilýär. Adam pyýada yörän wagty injik wenalaryndaky basyş iki esse peselýär.

Myşsalardan ganyň yzyna syrykmasyny amala aşyryan damarlaryň ählisinde klapyn üpjünçiligi bolýar. Içi boş wenalarda, derweze wenasynda, bagryn, öýkeniň wenalarynda we serebral wenalarda klapynlar bolmaýar.

Adam gorizontal yatan yagdaýyndan, wertika dik duran ýagdaýyna geçende aşaky ahyrlaryň wenalarynda gidrostatik basyşyň yokarlanmagyna getirýär. Yöne arteriýalarda hem gidrostatik basyş wenalardaky ýaly ýokarlanýar. Şonuň üçin hem adamyn bedenin gorizontal ýa-da wertikal yagdaýa üýtgemegi bilen wenalardaky we arteriýalardaky basyşyň birek-birege bolan gatnaşygy, ýagny basyş derejeleri üýtgemeýär. Arteriyalarda we wenalarda hem basyş deň bolýar.

Gasyk düwüninden (siňirinden) yokarda, wena ganyň ýürege tarap hereketi garyn boşlugynyň we döş boşlugynyň içki basyşynyň aratapawudynyň hasabyna we diafragmanyň dem alyş hereketiniň hasabyna amala aşyrylýar.

## Barlag usullary:

1. **Dupleks USB**

Ýörite 4 mgs we 8 mgs ýygylykdaky şöhleleri serpikdirýän, şöhle serpikdirijiler ulanylýar. Bu barlag usulyny dopler barlagy bilen utgaşdyryp geçirip, damarlaryň ýagdaýyny daşyndan görmek ýaly barlaglary geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu barlag usulynyň kömegi bilen yanbaş ösüntgisinden aşakda yerleşen ähli çun wenalaryň barlaglaryny geçirip bolar. Çuň ýerleşen wena damarlarynyň

trombozynyň anyklanmasynda Dupleks Ultra Ses Barlagy, Flebografiýa barlagyna görä has amatly we takyk hasaplanylýar.Trombyň alamatlary; Wena damarynyň diwarynyň gatylygy, hereketdäki gan bilen deňeşdirilende chogenligiň ýokary bolmagy, zeper yeten bölekde gan aýlanşygynyň bolmazlygy.Dupleks UltraSes Barlagy täze ösüp başlan tromby, köne jebis ornaşan trombdan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. Köplenç içegelerde dürli gazlaryň toplanmasy zerarly, yanbaş wenalaryň barlaglaryny geçirmäge kynçylyklary döredýär. Bu usulyň (anyklaýyş) diagnostiki takyklygy - 95% deň, duýgurlyk - 94% deň.

**2. Dopler barlagy**

Dopler barlagynyň kömegi bilen şu aşakdakylary anyklap bolar: Wena gan akymynyň barlygyny tassyklap bolýar; dem alyş sikliniň her bir döwrinde gan akymynyň uýtgeýşini ýazga geçirip bolar; barlag geçirilýän bölekden distal tarapynda aýak gysylanda, gan akymynyň yokarlanmagyny; barlag geçirilýän bölekden proksimal tarapyndan ayak gysylanda retrograd gan akymynyň ýüze çykýandygyny görüp bolýar. Bu barlag usuly yeterlikli ýeňil we köplenç wena damarlarynyň klapan ýetmezçiliginde we çuň wenalaryň trombozynyň diagnostikasynda ulanylýar. Bu barlag usulyny geçirmek üçin ýokary tejribeli hünärmeni talap edýär.

**3. Flebotonometriýa**

Dabanyň haýsy hem bolsa bir, wena damaryna katetr goýmak arkaly wena damarynyň basyşyny, rahat ýagdaýda we fiziki agramlykda sonra ölçemeklige aýdylýar. Bu usulyň kömegi bilen wena damarynyň, klapan enjamyna funksional taýdan ýetmezçiliklerine baha bermek bolar. Yöne häzirki döwürde bu usuldan hem has amatlysy **Fotopletizmografiýa** barlag usuly hasaplanýar. Eger-de yanbaş wena damarlarynda ganyň geçirilmezligine guman edilse, onda but wena damarynda basyşyň ölçenilmesi geçirilýär.

**4. Ssintigrafiýa**

Bu barlag usuly $^{125}$**Fibrinogen** bilen geçirilýär. Bu usulyň esasynda radioaktiw ýod tromba girizilýär. Bu barlag usuly diňe trombyň emele gelip başlan döwründe we trombyň aktiw ösýän döwründe barlag geçirilende oňat netijeleri berýär. Bu usulyň kömegi bilen trombozy, Flebitden tapawutlandyryp bolmaýar. Ondan daşary bu barlag usulynyň radioaktiwliginiň ýokaralygy zerarly, çanaklygyň we budyn üçden bir ýokarky boleginin wena damarlarynyň trombozynda netijeligi pes bolýar. Fibrinogen serişdeleriniň ullanylmasy hemişe wirus yokanç keselleri bilen ýokançlanmak howpy bar.

**5. Flebografiýa**

Wena damarlaryň ähli kesellerinde ulanylyan, hemmeler tarapyndan kabul edilen barlag usulydyr. Oňa garamazdan aşaky ahyrlaryň wena damarlaryň dowamly kesellerinde bu barlag usulynyň ähmiyeti soňraky ýyllarda pese düşyär. Sebäbi ýokarda agzalyp geçilen barlag usullarynyň diagnostiki netijeliligi has ýokary hasaplanýar. a) Beygelýän

flebografiýa rentgen kontrast maddany haýsy hem bolsa distal yerleşen wena damarlaryna göyberilýär, netijede proksimal wena torynyň şekilini görmek bolýar. Tromblar tegelek kontrast maddasy bilen dolunma ýetmezçilikli şekile eye bolýar. Haçanda köp sanly kollateral wenalaryň barlagynda (esasy) magistral wenanyň kontrastirlenmesi görünmese, ol hem wena damarynyň trombozynyň bir alamaty bolup durýar. b) Peselýän flebografiya rengen kontrast maddasyny bud wenasyna göyberilýär. Kontrast maddasynyň retrograd ugur boýunça yayramasy wena damarynyň ýetmezçiliginin haýsy döwürdedigine baha bermäge mümkinçilik döredýär:

I. Döwür Walsalwiniň synagynda ujypsyz reflýuksyn yüze çykmagy.

II.Döwür Ýanbaş segmentinde antegrad wenoz gan akymy. Budyn distal bölegine çenli reflýuksyn yüze çykmagy.

III.Döwür dyzyň iç yüzdäki wena damaryndan tä injik wena damaryna çenli reflýuksyn yüze çykmagy.

VI.Döwür injigiň wena damaryna çenli reflýuksyn ýüze çykmaklygy. Yanbaş segmentde antegrad gan akymy bolmaýar.

**6. Funksional synaglar**

Funksional synaglar aşaky ahyralaryň çun yerleşen wena damarlarynyň geçirijiligini we funksional ýagdaýlaryny kesgitlemek üçün, yüzleý ýerleşen wena damarlaryň we perforant wena damarlaryň klapan ýetmezçiliklerini yüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

**a)Brodi-Troýan-Trendelenburgyň synagy.** Bu synag ýüzleý wena damarlaryň, klapan ýetmezçiligini yüze çykarmaklyk üçin niýetlenen. Bu barlagy geçirmek üçin näsagy gorizontal ýagdaýda ýatyryp goýup, barlag geçirilýän ahyrynyň yüzley warikoz giñelen wena damaralaryň doly boşaýança ýokary galdyryp saklap durmaly. Sonra uly deri asty wenanyň, bud wena gelip guýýan yerinden baramagyň bilen basyp saklamaly ýa-da budyn üçden bir yokarky bölegine daňy goýmaly, näsagy dik aýak üstine galdyrmaly.

Birnaçe wagtdan soňra daňyny aýyrmaly, dany aýrylan wagty, içinden birek-biregine yapyşyp duran damaryň diwarlary warikozly wenalardan ganyň yzyna akmasy zerarly, ýokardan çalt we jebis görnüşinde gan bilen dolyar.

Bu geçirilen synagy netijesi položitel hasap edilip, klapan enjamynyň (hawsajyklar) we uly deri asty wenalarynyň sütüniniň ýetmezçilikleriniň barlygyny görkezýär. Eger-de bu geçirlen synagyň netijesi otrisatel bolanda yüzley wenalar (5-10 sek) dowamynda süri çukurjykda basyş aýrylmazdan öňürti gan bilen dolyar, munuň üstesine wena damarynyň gan bilen dolmaklygy basyş aýrylandan soňra ýokarlanmaýar.

**b) Prattyn synagy.** Köplenç perforant wena damarlarynyň nähilli ýagdaýdadygyny anyklamak üçin geçirilýär. Näsagy gorizontal ty ýagdaýynda ýatyryp goýup näsagyň aýagyny ýokaryk galdyryp warikoz wena damarlaryndaky gany doly syrykdyryp buduň üçden bir ýokarky bölegine uly deri asty wenany gysyp durar yaly rezin dany goýmaly. Soňra näsagy aýagynyň barmaklaryndan başlap

daňynyň duran yerine çenli elastiki goýmaly, we näsagy dik aýak üstüne galdyrmaly. Elastiki sargyny yokardan aşak howlukmany aýyrmaly. Yz yany ýokardan aşak daňynyň duran ýerinden başlap 10-15 sm sargy bilen aralykda ýokardan ikinji elastiki sargyny goýmaly.

Iki sargynyň arasyndaky warikoz wena damarlarynda dartgyn ýagdaýynyň döremekligi perforant wena damarlarynyň klapan ýetmezçiligini görkeýär.

**ç) Barron-Kuper-Seýnis synagy** ýa-da üç daňyly synag. Bu synagyň esasy edil Prattyň synagy ýaly. Barlag geçirilýän ahyra üç sany daňy goýulýar: Budyň üçden bir ýokarky bölegine, dyz bogunynyň yokarsynda we dyz bogunynyň aşagynda näsagy wertikal ýagdaýyna geçirlende goýlan daňylaryň arasyndaky segmentleriň ýüzleý wenalaryň gan bilen dolmaklygy, şol segmentdäki perforant wena damarlarynda ýetmezçilikleriň bardygyny görkezýär. Haçanda daňylan daňylary bir-birine tarap süýşürende ýetmezçiligi bar bolan perforant wenany takyk yüze çykarmak bolaýar.

**d) Meyo-Prattyn synagy.** Has giňden ýaýran synagy bolup çuň ýerleşen wena damarlaryň funksional ýagdaýyna we olaryň geçirijiligine baha bermek üçin ullanylýar. Näsaga gorizontal ýagdaýynda goýup onuň budunyň üçden bir yokarky bölegine rezin daňy goýulýar. Soňra ahyryn dabanyň barmaklaryndan başlap budyn üçden bir ýokarky bölegine çenli jebis edip elastiki daňy goýmaly. Näsag 20-30 minudyň dowamynda ýöremeli. Egerde näsagda ýakymsyz we agyry duýgulary döremese onda çuň ýerleşen wena damarlarynyň geçirijiliginiň gowylygy barada şayatlyk edýär. Egerde tersine aýagyň injik böleginde agyrylar yüze çyksa çuň ýerleşen wena damarlarynyň bozulandygyny görkezyär.

**e) Delbi-Pertesin synagy.** Näsagy wertikal dik duran ýagdaýynda goýup aýakdaky ýüzley ýerleşen wenanyň gan bilen dolýança garaşýarys, soňra budun üçden bir ýokarky bölegine daňy goýulyar. Soňra näsagy 5-10 minut dowamynda ýöretmeli, eger-de ýüzley ýerleşen wenalardaky gan çalt (1-2 minut dowamynda) syryksa, onda çuň ýerleşen wena damarlaryň geçirjiliginiň gowylygyny we perforant wena damarynyň klapan enjamynyň gowy işleýändigini görkezýär. Eger-de näsag yöredilen wagty ýüzleý wena damarlary şol bir gandan dolan görnüşini yitirmän galýan bolsa we onun üstesine ol wena damarlary has hem ulalyan bolsa, agyrylar yüze çykyän bolsa, bu çuň ýerleşen wena damarlar ulgamynyň geçirijiliginiň pesligini görkezýär.

## Aşaky ahyrlaryň wena damaralrynyň kesellerinin klassifikasiýasy.

Aşaky ahyrlaryň wena damaralrynda döreýän keselleriniň klassifikasiyasynyň düzülmeklik zerurlygy, bu keseliň geçişi, gelip çykyşy baradaky döwrebap maglumatlary ulanmaklyk we amalda bu keseliň bejergisi geçirilende uly mümkinçilikleri döredýär. Yöne häzirki wagtda bu keseliň belli bir klassifikasiýasy ýok. Köp sanly hödürlenen wena keselleriniň klassifikasiýasy bu keseliň patologiki hadysasynyň belli bir taraplaryny görkezýär. W.J.Burakowskiý we L.A.Bokeriýal 1989-njy ýylda umumy klassifikasiýany bödürleýär. Bu klassifikasiýa boýunça ähli wena ulgamy iki bölege bölünen:

- yokarky içi boş wena ulgamy we onun magistral akymy;
- aşakgy içi boş wena ulgamy.

Aşakgy içi boş wena ulgamyna we onuň magistral akymynyň kesellerine aşaky ahyrlarynyň ýüzley ýerleşen wenanyň warikoz giňelmeleri degişli bolup, soňlugy bilen dowamly wenoz ýetmezçiligi bilen gutarýar.

Has hem giň ýaýran aşaky içi boş wena ulgamynyň kesellerиniň ýenede biri yiti trombozlardyr. Ýiti trombozlar hroniki döwründe tromboflebitden soňky sindromy ýüze çykaryp bilýär. Netijede wena ulgamynyň ýüzleý we çun segmentleri zeperlenýär, ol hem bolsa aşaky ahyrlaryň dowamly wenoz ýetmezçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär. Ondan başgada aşaky içi boş wena ulgamynyň çun ýiti trombozlary agyr gaýraüzülmelere getirip bilýär. Olardan ilkinji öyken arteriýasynyň emboliýasy we wenoz gangrenasy, oňa başgaça gök flegmoziýa diýilýär.

1990 njy ýyllaryň başynda, aşaky ahyrlaryň wena kesellerиniň agyrlyk derejesini, keseliň geçişini, keseli anyklamakda geçirilýän instrumental baralaglaryň netijesine görä 1994 njy ýylda Amerikan Wenoz Forumyň toparynyň geçiren synaglaryna görä, CEAP klassifikasiýasy düzüldi. CEAP klassifikasiýasy gin düşinjäni öz içine alýar: CEAP sözüniň manysy şeyle düşindirilýär. (C-clinical) keseliň kliniki geçişi; (E- etiological) etiologiki alamatlar; (A- anatomical) anatomiki we (P-pathofiziological) patofiziologiki ayratynlyklary. Bu klassifikasiya dünýäde köp žurnallarda ýaýran.

Daşary ýurt dillerinden 8 döwletiň dilinde ýazga geçirilen. Rus Flebatologlaryň Assosiasiýasy tarapyndan geçirilen soňky (V-nji) konferensiyalaryň birinde Russiya döwletiniň lukmançylyk amalynda CEAP-yň uly rol oýnaýandygy ýüze çykaryldy. Bu geçirilen konferensiýadaky okalan dokladlar diňe CEAP klassifikasiýasyndan maglumatlar köpdi. Bu bolsa öz gezeginde CEAP klassifikasiýasynyň zerurlygyny görkezýär.

2000-nji ýylda rus ekspertleri tarapyndan Wolgograd şäherinde kabul edilen klassifikasiýa SNG ýurtlaryň ylmy pressasynda seýrek ulanylýar. Şu günki günde CEAP klassifikasiýasy boýunça aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň dowamly kesellerиniň geçişi, gelip çykyşy ýazgy edilýär. CEAP klassifikasiýasynyň kliniki bölümi wena damaryň dowamly kesellerиniň obyektiw barlaglaryna esaslanyp döwürler boýunça kesgitlenilýär. (0-dan 6-a çenli), eger-de kesel alamatsyz geçen ýagdaýynda goşmaça "A" indeksi bilen bellenilýär. (meselem: C2,A) eger-de alamatly kesel geçýän bolsa "S" indeksi goýulýar. (meselem: C6,S) bellenilýär.

**Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň dowamly kesellerиniň halkara klassifikasiýasy (CEAP ulgamy).**

| • KLINIKI KLASSIFIKASIÝASY | |
|---|---|
| **DÖWÜR 0** | Wena damarlarynyň palpasiýasynda we gözden geçirilende agyry alamatlaryň bolmazlygy |
| **DÖWÜR 1** | Teleangiektaziýa ýa-da retikulýar wena damarlary |
| **DÖWÜR 2** | Warikoz-giňelen wenalar |
| **DÖWÜR 3** | Çiş |

| | |
|---|---|
| **DÖWÜR 4** | Wena damarlaryň kesellemekligi zerarly deridäki üýtgeşmeler: pigmentasiýa, wenoz ekzema, lipodermatoskleroz |
| **DÖWÜR 5** | Ýokarda bellenip geçilen deridäki üýtgeşmeler we gutulýan baş ýara |
| **DÖWÜR 6** | Ýokarda bellenip geçilen deridäki üýtgeşmeler we aktiw baş ýara |
| • **ETIOLOGIKI KLASSIFIKASIÝASY** | |
| Dogabitdi keseller (**EC**) | |
| Ilkinji sebäbi näbelli **(EP)** | |
| Ikilenji sebäbi näbelli **(ES)** trombdan soňky, şikesden soňky we beýlekiler. | |
| • **ANATOMIKI KLASSIFIKASIÝASY** | |
| **Segment** | Ýüzleý wena damarlary (AS) |
| **1** | Teleangiektaziýa/retikuklýar wenalar |
| **Uly deriasty wena (GSV)** | |
| **2** | Dyzdan ýokarda |
| **3** | Dyzdan aşakda |
| **4** | Kiçi deriasty wena **(LSV)** |
| **5** | Magistral däl wena |
| **Çuň ýerleşen wenalar (AD)** | |
| **6** | Aşaky boş wena |
| *Ýanbaş wena* | |
| **7** | Umumy wena |
| **8** | Içki wena |
| **9** | Daşky wena |
| **10** | Çanaklyk – gonada, ýatgynyň giň düwünleri |
| *But wena* | |
| **11** | Umumy wena |
| **12** | Çuň wena |
| **13** | Ýüzleý wena |
| **14** | Dyzasty wena |
| **15** | Injik wenalary – öňki we yzky uly injik, kiçi injik wenalary |
| **16** | Myşsa wenalary – dabanyň, baldyr wenalary |
| *Perforant wenalar* | |
| **17** | But wena |
| **18** | Injik wena |
| **VI. PATOFIZIOLOGIKI KLASSIFIKASIÝASY** | |
| Reflýuks (**RP**) | |
| Obstruksiýa (**PO**) | |
| Reflýuks we obstruksiýa (**PR, O**) | |
| **V. KLINIKI ŞKALASY** | |
| Agyry | 0-bolmazlygy, 1-ujypsyz, agyrysyzlandyryjy serişdelerini ulanmak zerurlygy ýok, 2-güýçli agyrysyzlandyryjy serişdelerini ulanmaklygy talap edýär |
| Çiş | 0-bolmazlygy; 1-bilniksiz/ujypsyz; 2-has aýdyň |
| Wenoz agsamaklyk | 0-bolmazlygy; 1-ýeňil/ujypsyz; 2-güýçli |
| Pigmentasiýa | 0-bolmazlygy; 1-ýeňil; 2-ýaýran |
| Lipodermatoskleroz | 0-bolmazlygy; 1-ýeňil; 2-ýaýran |
| Baş ýaranyň ölçegi (iň uly baş ýaranyň) | 0-bolmazlygy; 1- <2sm diametrli; 2- >2 sm diametrli |
| Baş ýaranyň dowamlylygy | 0-bolmazlygy; 1- <3 aý; 2- >3 aý |
| Baş ýaranyň resediwi | 0-bolmazlygy; 1- bir gezeklik; 2- köp gezeklik; |
| Baş ýaranyň mukdary | 0-bolmazlygy; 1- ýekeleýin; 2- köp sanly; |
| **VI. IŞE BOLAN UKYPLYGYŇ PESELTME ŞKALASY** | |
| **0** | Alamatsyz keseliň geçişi |
| **1** | Kesel alamatlarynyň ýüze çykmasy, galdag beriji serişdelersiz işe bolan ukyplygy saklanan |
| **2** | Näsag goldag beriji serişdeleriň kömegi bilen 8 sagadyň dowamynda işläp bilýär. |
| **3** | Näsag goldag beriji serişdeleriň kömegi bilen hem işe bolan ukyplygynyň bolmazlygy |

Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň işjeňliginiň bozulmasyna san taýdan baha berilende, üç sany aýratyn şkala boýunça kesgitlenilýär: anatomiki (III) anatomiki segmenler sanalyp geçilýär we olaryň her biri bir bal hökmünde bahalandyrylýar. Kliniki (V) we işeňňirliginiň peselmeklik şkalasy (VI). Wena damarlaryň zeperlenmesiniň patofiziologiki häsiýetlendirilmesi ultrases barlaglarynyň netijesine esaslanýar.

Ýokarda agzalyp geçilen wena damarlarynyň kesellerinden başga hem wena damarlaryň dogabitdi kesellerini (angiodisplaziýa) belläp geçmek zerurdyr. Bu kesellere esasan hem wena damarynyň keselleri: gemangiomalar, wena sütünleriniň aplaziýasy we gipoplaziýasy, wenoz anewrizmalar. Ondan başgada artrowenoz görnüşleri: gemangiomalar, mikrofistulalar, makro fistulalar. Häzirki döwürde yürek-damar ulgamynyň çylşyrymly barlag usullarynyň girizilmegi, ganyň ýerini tutyjy suwuklyklaryň goýbermekligi üçin we ganyň transfuziýasy üçin wena damarlaryň uzak wagtlap ulanylmaklygy, wena damarlaryň şikeslerine getirýär.

**Aşaky ahyrlaryň deriasty wenalarynyň warikoz giňelmeleri**.

Etiologiýasy bu keseliň sebäbi doly anyklanylmadyk, ýöne bu keseldäki wena damarlarynyň diwarynyň çeýeliginiň bozulmasy nesilden-nesile geçýändigi bilen baglayşdyrýarlar. Ýagny wenoz gipertenziýa döwründe bu ütgeşmeler, gormonal täsirleriň astyn amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan aýal maşgalalarda göwrelilik döwründe ýa-da dogrumdan soň, warikoz wenalaryň giňelmekligi ýygy duş gelýär. Ondan başgada köp sanly adamlarda, dogabitdi wena damarlarynyň ýetmezçilikleri yüze çykýar: ýeterlik derejede wena damarlarynyň diwarlarynyň dykyz bolmazlygy ýa-da wena damarlarynyň bütün ugry boýunça bar bolan klapanlaryň jebis ýapylmazlygy, onun üstesine beýleki zyýanly faktorlar bolan: az hereketli ýaşaýyş, oňaýsyz geýilen ayak gap, artykmaç beden agramy, uzak wagtlap beden üçin oňaýsyz ýagdaýda bolmaklyk zerurlygy (iş borjy boyuça, is wagty dik durmak ýa-da oturmak, olara: hirurglar, satyjylar) ýaly faktorlar hem keseliň döremegine getirip bilýär.

Ýokarda bellenip geçilşi ýaly erkeklere görä, aýal maşgalalarda aşaky ahyrlaryň warikoz giňelmeleri has ýygy duş gelýär: Aşaky ahyrlaryň warikoz giňelmeleri aýal maşgalalarda, erkeklere görä ir döwürde başlaýandygynyň sebäbi, aýal maşgalalaryň bedeninin anatomiki funsional aýratynlyklary bar. Olardan: ýanbaş çanaklygynyň giň bolmagy; çanaklykda ýerleşen wena damarlaryna, ahyrlardan gelýän wena damarlarynyň gelip guýýan öwrümleriniň sanynyň köp bolmaklygy; menstruasiya döwründe çanaklykdaky wena damarlaryň gan bilen çenden aşa dolmaklygy; ondan başgada aýal maşgalalaryň ahyrlaryndaky ýuka diwarly wena damarlarynyň daşyny diňe yumşak dokumalar gurşap alanlygy zerarly, bu ýuka diwarly wena damarlaryň daýanjy ejiz bolýar. Şonun üçin-em aýal maşgalalarda wena damarlarynyň warikoz giňelmeleri, erkeklere göra ýygy duş gelýär.

**Wena damarlarynyň warikoz giňelmesinin esasy patomorfologiki we patofiziologiki ayratynlyklary.**

Esasan hem warikoz giňelmeleri uly deri asty wena ulgamynda, seýrek ýagdaýlarynda kiçi deri asty wena ulgamlarynda duş gelýär. Kesel wena sütünleriniň injige akyp gelmekligi bilen başlaýar. Onda näme üçin wena damarlary birden ginelip başlayar? Aşaky ahyrlardaky wena damarlarda warikoz giňelmeleriň döremekligiň esasy sebäbi bu wena damarlaryň diwarynyň düzüminde myşsa dokumasy bolmaýar. Eger-de şol myşsa dokumasy bolanda wena damarlaryň

diwarynyň tonusy üpjün edip ýürege tarap ganyň akmasyny doly derejede üpjün edip biler. Onuň tersine arteriýa damarlarynda myşsa gatlagy bar. Şonuň üçin-em arteriýa damarlaryň warikoz giňelmesi diýilýän kesel ýok. Wena damarlary gany dine öz iki gabsaly klapanlarynyň kömegi bilen bir ugur boýunça itekleýär. Ondan başgada wena damarlary boýunça ganyň hereket etmekligine wena damarlarynyň daşyny gurşap alan aýagyň myşsa süýümleri hem ýardam edýär. Aýagyň myşsalarynyň hereket etmekligi aýaklardan ganyň yzyna syrylmasyny çaltlaşdyrýar. Az hereketli ýaşaýyşda aýagyň myşsalary, aýakdaky wena damarlaryny doly gysyp bilmeýär we ganyň kadaly akymy bozulýar. Netijede inçe wena damarlarynyň diwarlarynyň giňelmesi başlanýar. Gan wena damarlarynyň diwarynyň ejiz böleklerinde ýygnanyp, warikoz wena damarlarynyň düwünleri emele gelýänçä giňelýär we sozulýar.

**Patalogiki anatomiýasy.** Keseliň başynda wena damarlarynyň ýeterlikli derejede galňamaklygyna getirýän gipertrofiya we öýjük elementleriniň täze döremeleriň emele gelmekligi başlanýar. Soňlygy bilen myşsa elementleriň gipertrofiýasy bilen bilelikde olaryň ölmekligi netijede ol öýjükleriň yerine birleşdiriji öýjükleriň köpelip başlamaklygy yüze çykarýar. Wena damarynyň diwarynyň wenoz giňelmesi deri asty wenalarynyň myşsa öýjüklerniň ölmekligi netijesinde ýüze çykýar. Ýagny myşsa öýjüklerde fibroblaslar tarapyndan kologen süýümlerinin öndürilmegini ýokarlandyrýar. Wena damarlarynyň diwarlarynda ýerleşen nerw elementleri bu hadysa ilkinji bolup goşluşyp wena damarlarynyň diwarlarynyň ýylmanak myşsalary öz funksiyasyny ýitirýär netijede atoniya yüze çykyar. Warikoz wena damarlarynyň diwarlary birden galňayar ýöne bu diwaryň galňamasy deň derejede bolmaýar, warikoz wena damarlarynyň diwarlarynyň käbir ýerlerinde ýukalmasy bolup geçýär. Wena damarlary ulalýar, ýygyrtlanýar onda wena damarlarda 3-4 sm diametrdäki pökgermeler emele gelýär. Ondan başga aşaky ahyrlaryň warikoz giňelmesi kesel bilen keselleýän adamlaryň 85% ähli uly deri deri asty wenanyň sütüni boýunça aýdyň klapan ýetmezçiligi yüze çykýar. Wena damarlary boýunça gan akymynyň haýallaşmagy deri we deri asty kletçatkanyň iýmitlenmesiniň bozulmasyna getirýär, netijede deride gara-melewşe tegmilleriň emele gelmekligi, soňlygy bilen trofiki baş ýaralaryň emele gelmekligi bolýar.

**Patofiziologiýasy.** Adam hereket edende bedeniň ýagdaýynyň üýtgemekligi bilen aşakdaky ahyrlayn wena damarlaryndaky basys hem belli bir derejede üýtgeýär. Wena damarlarynyň giňelmesiniň ilkinji döwürlerinde haçanda klapan ýetmezçiligi yüze çykan ýagdaýynda, näsagyň wertikal ýagdaýynda kesgitlenýän wena damarlarynyň basyşy kada gabat gelýär 75-120 mm ss. Soşlygy bilen keseliň geçişine görä esasan hem klapan ýetmezçilik alamatlary ýüze çykanda warikoz wena damarlaryndaky basyş 500-800 mm ss we ondan hem ýokary bolýar. Ýüzleý ýerleşen wena damarlardaky basyşyň ýokarlanmaklygy şonlygy bilen fiziologiki aktiw däl arterio-wenoz kapillýar anastomozlaryň açylmaklaryna getirýär, ol anastomozlar arkaly arteriýa ganyň wena damarlara guýulmaklygy bolup

geçýär, ol hem bolsa öz gezeginde wena gan damarlarynda basyşy has hem ýokarlandyrýar. Bular ýaly näsagda dik duran ýagdaýynda we ýörande aşaky ahyrlaryň wena damarlaryndan ganyn yzyna syrykmasy bozulýar, wena damardaky yöremän galan ganyň mukdary 500-1000 mm çenli kä halatlarda 2000 mm çenli bolýar.

Dabanyň we injigiň wena damarlardaky basys kähalatlarda arteriýal basyşda hem ýokary bolýar. Basyşyň beýle ýokary bolmaklygy ganyň deri we deri asty kletçatkanyň kapillýarlaryndan wenulalaryna we wenalara geçmekligi kynlaşdyrýar, netijede arterýalarda kapillýarlarda ganyň saklanmaklygy bolup ganyň suwuk bölegi dokumalara, deri we deri asty kletçatka geçip başlaýar, soňlygy bilen dabanda we injikde trofiki üýtgeşmeler başlanýar.

**Klinikasy.** Keselin geçişinin ilkinji döwürleri bilniksiz geçýär, keseliň ilkinji 10-ýylyň dowamynda näsaglary hiç bir zat biýnjalyk etmeýär, diňe aýaklardaky wena damarlary kosmetiki taýdan bigelşikligi yüze çykýar. Soňlugy bilen eger-de öz wagtynda bejergi çäreleri geçirilmese näsaglar günüň ikinji ýarymynda esasanam tomus paslynda ýa-da fiziki agramlykdan soň (uzak wagtlap dik aýak üstünde durmaklyk ýa-da yöremeklik) aýaklaryň çişmegine, çalt ýadamaklygyna, aýaklaryň agyrylyk duýgusyna arz edip başlaýar. Bular ýaly ýagdaýlarda näsaglar haýsy gönüşli alamatyň biýnjalyk edýändigini takyk anyklamaly we tapawutlandyrmaly.

Näsaglaryň köpüsi aýakdaky agyrylara arz edip tutýarlar, haçanda jikme-jik sorag edilende agyry duýgulary, ayakdaky agyrylyk dine injikde bolýandygy anyklanylýar. Bular ýaly näsaglar uzak wagtlap aýygyny ýokary galdyryp aýagyna dynç berseler agyry, aýakdaky agyrylyk duýgulary yitip gidýär. Esasan hem bu alamatlar wena damarlaryň ýetmezçiligini häsiýetlendirip bu keseliň ilkinji döwrüne mahsusdyr. Egerde agyry barada gürrüň gidýän bolsa agyrynyň beýleki sebäpleri (aşaky ahyrlaryň arteriýal ýetmezçiligini, yiti wenoz trombozlar bogun agyrylary) aýyrmaly.

**Gaýry üzülmeler.** Keseliň soňraky möwjemesi, giňelen wenalaryň sanynyň köpelmesinden we ölçegleriniň ulalmasyndan daşraky trofiki bozulmalaryň ýüze çykmaklygyna getirýär. Bu ýagdaýlar köplenç perforant wena damarlarynyň ýetmezçiliginde çuň yerleşen wena damarlarynyň klapan ýetmezçiliginde yüze çykýan trofiki bozulmalar ilkinji etaplarynda deriniň ýerli giperpigmentasiýasy bilen häsiýetlenýär, soňlygy bilen deri asty ýag gatlagynyň galňamasy (indurasiýa) goşulýar. Netijede sellýulit emele gelýär. Bu hadysa diametri 10 sm we ondan hem ýokary ululykdaky baş nekrotik ýaranyň emele gelmegi bilen gutarýar. Ol baş ýaralar çuňlugyna bolsa fassiýalara çenli ýaýraýar.

Warikoz trofiki bozulmalaryň netijesinde baş ýaralary diňe topygyň medial tarapynda, injikde bolsa dürli ýerlerinde we köp sanly bolmaklygy, bu kesele mahsusdyr. Trofiki bozulmalar döwründe zeperlenen ojakda aýdyň gijilewük, gyzmaklyk yüze çykýar, käbir näsaglarda mikrob ekzemasy ýüze çykýar. Baş ýara töwereginde agyry duýgulary bolmaýar, kä halatlarda bolsa tersine. Keseliň bu döwründe aýakdaky çişler we agyrylyk hemişe bolýar. Wenoz

baş ýaralary, arteriýal baş ýaralaryndan tapawudy, arteriýal baş ýaralary ahyrlaryň distal bölümlerinde döräp başlaýar(süýji diabeti). Wenoz ýetmezçilikleriň netijesinde ýüze çykýan nekrotiki defektler öňki içki injigiň üçden bir aşaky sütüninde (Kokketyń zonasy) başlanýar. Baş ýaralary perifokal gaýnaglamaly, çuň, kesilen wertikal gyraly, cuňlygyna başýara goýy fibroz-sirroz suwuklykdan doly, onuň üstünden bolsa granulýasiýalar bilen örtülen. Baş ýaranyň töwereginde deri pigmentirlenen, deri asty kleçatkasy indurilenen. Warikoz düwünlerinden gan akmalary we deri asty kleçatka gan akmalary, ahyrlara hasa daňysyny jebis goýmak arkaly, soňlygy bilen meýilnama boýunça hirurgiki bejergiler bilen aýyrýarlar.

**Önüni alyş çäreleri.** Bu keseliň ilkinji döwründe önüni almak üçin aýaklarda ganyň kadaly yzyna syrykmasyny päsgel berýän ähli faktorlary ayyrmaly, meselem: oňaýsyz geýilen aýak gaby. Ýeterlikli aktiw ýaşaýyş obrazyny alyp barmaly we köpräk hereket etmeli. Aýaklara agram salýan, bedeniň artykmaç agramyndan boşamaly. Sebäbi ayakalara düşyan agyrlyk, ganyň ýürege tarap akymy mejbury ýagdaýda uly agyrlyk güýjini ýeňip geçmek arkaly amala aşyrylýar. Ondan başgada günüň dowamynda bir gezek 15 minudyň dowamynda aýaklary ýokary galdyryp ýatmaly, munuň bilen biz ýadow aýaklarda ganyň yzyna syrykmasyny kadalaşdyrýarys. Onüni alyş çareleriniň biri bu suwuň astyndaky owkalamaklyk ýa-da suwda yüzmeklik. Deri asty wena damarlarynda täze emele gelen warikoz giňelmeleriniň soňraky keseliň gidişinde öňüni alyş medikamentoz çäreleri ýok, Täze emele gelen wena damarlaryndaky warikoz giňelmeleriň ilkinji döwürlerinde, ýekeje öňüni alyş çäresi bar, ahyrlara elastiki sargylary goymak. Näsaglarda elastiki joraplary ýa-da elastiki sargylary, ir bilen entek düşekden galmanka, haçanda deri asty wena damarlary entek gandan dolmanka, elastiki sargylary goýmaly we bütün günin dowamynda (aýak üstünde yorkä) aýyrmaly däl. Ýogsam elastiki daňynyň täsir netijeliligi bolmaýar. Elastiki daňysy goýulanda aýak barmak uçlaryndan başlap aşaky ahyryň sargy geçirmeli yeriniň, açyk ýerlerini goýmazdan elastiki sargysyny goýmaly. Adaty boluşy ýaly köp sanly adamlar elastiki sargysynyň goýulyş düzgünlerini berk berjaý etmeýärler. Şonuň üçinem wena damarlarynyň warikoz giňelmeleri keselleriniň esasy bejergi usullary hirurgiki we inýeksion bolup galýar.

**Aşaky ahyrlaryň wena damaralrynyň warikoz giňelmeleri keseliniň ýorite anyklaýyş usullary.**

Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmeleri keseliniň bejergisini başlamazdan öňürti lukman, aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wenalarynyň we perforant wena damarlarynyň nähili ýagdaýdadygyny anyklamaly. Bu günki günde flebotoliki näsaglaryň ählisine ultrases barlagyny geçirmeli. Has döwrebap barlag usullary bolup reňkli dupleks skanirleme usuly. Bu barlag usulyň kömegi bilen aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlarynyň geçirijiligini we klapanlarynyň ýagdaýyny, perforant we yüzleý wena damarlarynyň gan akymyny görmek bolýar. Ultrases barlaglarynyň amalda has giň ulanylmaklygy bilen,

flebografiýa barlaglary kem-kemden galyp başlady. Bu günki günde flebografiýa barlagy seýrek ulanylýar, haçanda aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlarynyň zerur bolan rekonstruktiw operasiýalaryny (şuntirlemek ýa-da plastiki operasiýasy) geçirilýär. Eger-de aşaky ahyrlarynyň wena damarlarynyň wenoz giňelmesi kesellerinde hirurgiki bejergi geçirmeli bolsa, operasiýadan öňürti, aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlarynyň geçirijiligine baha bermeli we bu keseli ikilenji warikoz giňelme keseli bilen differensial diagnostikasyny geçirmeli.

Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň ilkinji warikoz giňelmesi keselleriniň esasy sebäbi, nesilden nesile geçýän, wena damarlarynyň diwarynyň we öňuň klapanlarynyň ejiz bolmaklygy bolup durýar. Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň ikilenji warikoz giňelmesi keselleriniň sebäbi wena damarlaryndaky basyşyň ýokarlanmaklygy. Ol basyşyň yokaralanmaklygynyň sebapleri:

1) Perforant wena damarlaryndaky funksional ýetmezçiliklerindäki aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlarynyň klapan ýetmezçiligi ýa-da trombozlar.

2) Kiçi çanaklygyň howply çişler tarapyndan wena damarlarynyň gysylmaklygy.

3) Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň poroklary, we şol sanda wena damarlarynda klapanlaryň bolmazlygy.

4) Gazanylan (trawmadan son) artrowenoz swişler.

5) Dogabitdi arteriowenoz malformasiýalar.

Näsaglardan hökmany, öň çuň wena damarynyň trombozy keselini geçirenligi barada soramaly. Tromboflebitden soňky sindroma, wena damarynyň klapan aparatynyň ýetmezçilikleriniň alamatlary (çişler, dermotidler, trofiki baş ýaralar) mahsudyr. Aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damaralarynyň geçirijiligini dopler we dupleks skanirleme barlaglaryň kömegi bilen anyklanylýar.

Artrowenoz swişler adaty şikeslerden soň yüze çykýar. Artrowenoz swişleriň üstünde damar gohy eşdilýär, onuň palpasiýasy geçirilende ol yerde titreme kesgitlenilýär. Bu diagnozy tassyklamak üçin angiografiýa barlagy geçirilýär.

**Bejergisi.** Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi keseliniň bejergisini 4 topara bölmek bolýar: 1. Konserwatiw bejergi; 2. Sklerozirleýän inýeksiýa bejergisi; 3. Hirurgiki bejergi; 4. Kombinirlenen bejergi.

Haçanda aşaky ahyrlaryň ilkinji wena damarlarynyň warikoz giňelmesi, dowamly wenoz ýetmezçiligi bilen geçýän bolsa, we aşaky ahyrlaryň gan aýlanşygynyň bozulmasy netijesinde wena damarlarynyň warikoz keseline dürli gaýryzülmeleriň (ekzema, dermatit, baş ýaralary, warikoz düwünleriň tromboflebiti) goşulşýan ýagdaýlarynda, hirurgiki bejergi - ýagny operasiya geçirilýär.

Häzirki döwürde aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi kesellerinde geçirilýän operasiýalar dürli görnüşlerdäki radikal fleboektomiýa geçirilýär. Bu operasiýalar geçirilende, ilkinji talaplaryň biri, operasiýa geçiriljek ýeriniň kosmetiki gelşikliligi. Bu talaby ýerine ýetirmek üçin, aşaky ahyrlaryň wena

damaralrynyň warikoz giňelmesi keselinde geçirilýän operasiýalarynda şu düzgünleri berjaý etmeli: kiçi ölçegdäki kesikleriň ulanylmaklygy, atrawmatiki enjamalaryň ulanylmaklygy, kesilen deri örtüklerini ýapmak üçin, atrawmatiki sapaklaryň kömegi bilen atrawmatiki dikinleri goýmaly. Flebektomiýa operasiýanyň geçirilşi çylsyrymly bolmansoň, ony bütün dünýäde ulanýarlar. Ýöne käbir näsaglar fleboektomiýa ýa-da angiohirurgiýa bölümlerinde bejergi almanlygy zerarly warikoz giňelen wena damarlarynyň residiwine we operasiýadan soňky gödek kosmetiki deffektlerine duş gelýär. Ýüze çykýan resediwleriň sebäbini iki sany uly topara bölmek bolýar. Onuň birinjisi hirurgiki tehnikanyň pes derejeliligi, köplenç ýöriteleşdirilmedik bejeriş edaralarynda duş gelýär. Ikinji toparyna, operasiýadan öň diagnostiki çäreleri doly geçirilmezligi. Näsaglarda ultrases barlaglarynyň geçirilmeýänligi zeraly perforant wena damarlarynyň ýa-da çuň ýerleşen wena damarlarynyň aýdyň ýetmezçiliklerini ýüze çykarmaýarlar. Netijede geçirilen fleboektomiýa operasiýasynyň netijesi bolmaýar. Sebäbi aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi öňki ýagdaýynda galýar. Bular ýaly näsaglar üçin giň göwrümli hirugiki operasiýalaryny geçirmeli bolýar, ýagny aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlarynyň klapan apparadynyň korreksiýasyny geçirmeli ýa-da perforant wena damaryna daňy goýmaly. Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi keselinde inýeksion (skleroterapiya) bejergisi geçirilende, giňelen wena damarlaryna sklerozirleýji agentini goyberýärler. Häzirki döwürde bu maksat üçin ulanylýan serişdeler howpsyz bolup, ekstrowazal ýoly bilen goýberilende, deri asty kleçatkanyň ýa-da deriniň nekrozyny ýüze çykarmaýarlar. Hünärmen lukmanlaryň ýarsy skleroterapiýany amalda aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi keseliniň ählisinde ulanýarlar. Ýaş aýal maşgalalarda bu keseliň ilkinji döwürlerinde skleroterapiýany ulanmaklyk bolýar, ýöne olarda residiwleriň ýüze çymaklyk mümkinçiligiň bardygy barada düşündiriş işleri geçirilmeli. Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesi kesellerinde döreýän residiwleriň öňüni almak üçin, uzak wagtyn dowamynda (1-2 aýa çenli) aşaky ahyrlary fiksirläp saklaýan kompress daňylaryny goýmaly we aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz giňelmesiniň sklerozirlenmesi üçin bu bejergini birnäçe gezek geçirmeli. Skleroterapiýa bejergisi geçirlende, ulanylýan serişde görnüş we mukdary dogry saýlanyp alynsa, skleroterapiýa geçiriljek ýeri hem dogry saýlanylsa, kompressiýa dowamlygy saklanylsa bu bejergi gornüşiniň netijeliligi ýokary bolýar. Skleroterapiýa bejergisi dogry geçirilende, aşaky ahyrlary warikoz giňelen wena damarlary obliterlenýär we ol warikoz giňelen wena damarlary inçejik birleşdiriji dokumaly sapajyga öwrülýär, kabir näsaglarda bolsa doly siňip, ýitip gidýär. Aşaky ahyrlary warikoz giňelen wena damarlarynyň obliterasiýasy üçin, ulanylýan ähli derman serişdelerini üç sany topara bölmek bolýar: 1) Deteregentler (tetradesilsulfat natriýa, polidokanol we beýlekiler). Bu derman serişdeleriň flebosklerozirleýji täsir netijeliligi, endoteliý beloklarynyň koagulýasiýasy esasynda yüze çykýar. Bu derman serişdeleriň dogry

ulanylmaklygy, ýerli we ulgamlaýyn tromblaryň emele gelmekliginiň öňüni alýar. Bu derman serişdeleriň arasynda has netijeli täsirlisi: tetradesilsulfat natriýa (trombowar, sotradekol we fibroweyin). 2) Endoteliýanyň degidrotasiýasyna getirýän giperosmatiki erginler. Olardan 30-40% li salasilat natriya ergini; 10-24% li hlorid natriý ergini we beýlekiler. 3) Korroziw derman serişdeler (warikosid, wariglobin we beýlekiler). Bu derman serişdeleri ionizirlenen ýod esasynda taýarlanylýar. Haçanda bu derman serişdeler, aşaky ahyrlaryň warikoz giňelen wena damarlarynyň içine goýberilende, warikoz giňelen wena damarlarynyň diwarlarynyň ähli gatlary gaýduwsyz we çuň zeperlenýärler. Netijede ol ýerde endofibrozlar we tromblaryň ýygnanmalary emele gelýär.

**Asakgy ahyrlaryň perforant wena damarlarynyň ýetmezçiligi**

Bu keseliň ýeke özi seýrek duş gelyär Köplenç perforant wena damarynyň ýetmezçilikleri deri asty wenalaryň warikoz giňelmesi bilen bilelikde ýa-da aşaky ahyrlardan ganyň yzyna akmasynyň bozulmasy netijesinde yüze çykýan tromboflebitden soňky sindromly näsaglarda duş gelýär.

**Kliniki geçişi.** Diňe bir perforant wena damarlarynyň ýetmezçilikleriniň kliniki geçişi warikoz giňelmelerdäki ýaly bolmaýar. Seredilip görlende aşaky ahyrlarda çişler uly bolýar, injigiň deri asty wenasynyň giňelmesi ýüze çykman hem bilýär, trofiki bozulmalary çalt we agyr geçýär. Bu keseliň differinsial diagnostikasyda göz öňüne tutulmaly zatlaryň biri: eger-de trofiki üýtgeşmeler sirkulýar häsiyetli bolsa onda bu tromboflebitden soňky sindroma mahsusdyr. Perforant wena damarlarynyň ýetmezçiliginde trofiki bozulmalar haýsy hem bolsa (lateral, medial, yzky) injik üsti çäklenen trofiki üýtgeşmeler. Instrumental diagnostikasy reňkli doppler skaneriň kömegi bilen takyk topiki ýerli patalogiki funksionirlenýän perforant wena damarlaryň barlagy geçirilýär.

**Bejergisi**. Aşaky ahyrlardaky çişler az kem bolup we trofiki üýtgeşmeler ýok bolsa elastiki kompressiýa bejergisi ýeterlik bolup durýar. Galan ýagdaýlarda näsaglarda hökmany operatiw bejergisini geçirmeli. Bu hirurgiýanyň has çylsyrymly bölümi bolup durýar sebäbi perforant wena damarlarynyň ýetmezçiligi näsaglaryň köpüsinde giň başýara defektleri galýar. Wena gan akymynyň korreksiýasyndan soň (perforant wena damarlarynyň daňysy) trofiki başýaralaryň öz-özünden bitmesini gazanyp bolmaýar, bular ýaly näsaglara başýara deffektiniň plastikasyny geçirmeli bolýar. Operasiýa geçirilýän wagtynda deriniň trofiki üýtgeýän böleklerinden kesikler geçirilenden soňra, şol ýerdäki operasion ýaralar wagty bilen bitmeýär. Şular ýaly ýagdaýlaryň öňüni almak maksady bilen soňky ýyllar perforant wena damarlaryň endoskopiki daňylyş usullarynyň uly üstünlikler bilen ulanylýar. Bu hem bolsa öz gezeginde operasiyadan soňky döwürde gaýryzülmeleriň sanyny pese düşürdi we näsaglaryň stansnorda bolmaklyk wagtyny gysgaltdy.

**Asaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damaryň ýetmezçiligi.** Wena damaryň zeperlenmesiniň bu görnüşi hem seýrek duş gelýär. Keseliň geçişi esasan hem ýylyň

yssy pasyllarynda aşaky ahyrlardaky çiş, fiziki agramlyk wagtynda ýa-da günüň ahyryndaky aýaklardaky agyrylyk we ýadawlyk bilen geçýär. Bu keseliň diagnostikasy reňkli doppler kartirlemek arkaly dupleks skanirleme esasynda geçirilýär. Bular ýaly näsaglarda näsagyň gorizontal ýagdaýynda çuň ýerleşen wena damaryň klapan ýetmezçiligini anyklap bolmaýar sebäbi ol gizlin görnüşinde hem bolup bilýär. Çuň ýerleşen wena damaryň az kem klapan ýetmezçiligi yüze çykýan ýagdaýynda elastiki kompressiýa bejergisi ýeterlik bolup durýar. Eger-de reflýuks aýdyň bolsa näsaglara çuň ýerleşen wena damarlaryň klapanlarynda korrigirleýji operasiýalary geçirmeli. Şu günki günde köplenç Wedenskiý boýunça damaryň klapanlarynyň spiralyň kömegi bilen ekstrawazal korreksiýasy geçirilýär, deri asty wena damarynyň klapanynyň kadaly işleýän segmentiniň alnyp klapan ýetmezçiliginiň bar ýerine oturdylmagy, ýetmezçilikli klapanlardaky gabsalaryň plastikasy. Eger-de çuň ýerleşen wena damaryň klapan ýetmezçiligine deri asty wena damaryň warikoz giňelmesi bilelikde geçýän bolsa, goşmaça fleboektomiýa we perforant wena damaryň daňysy goýulýar.

**Uly deri asty wenanyň ýiti tromboflebiti.** Uly deri asty wenanyň we onuň akymlarynyň yiti tromboflebiti aşaky ahyrlaryň deri asty wena damaryň warikoz giňelmesiniň gayrüzülmesi bolup durýandyr. Keseliň geçişi uly deri asty wenanyň ugry boýunça birden giperemiýa ýüze çykýar, tromb bilen dykylan wenanyň töweregindäki ýumşak dokumalardaky agyrylar (basyp görlende we rahat dynç ýagdaýynda). Bu näsaglarda gasyk limfadeniti birden bedeniniň gyzgynynyň ýokara galmagy bolup bilýär. Hadysa çalt bolup geçýär, injigiň ýokarky üçden bir böleginde başlanýar we uly deri asty wenanyň ujyna proksimal ugry boýunça ýaýraýar, kähalatlarda birnäçe sagadyň dowamynda uly deri asty wenanyň akymy ugurlaryny zeperleýär. Deri asty wena damaryň tromboflebitiniň bir görnüşi Býurger tromboangitdäki migrirleýän tromboflebit köplenç injigiň wenalary bilen çäklenýär. Bu keselde diňe bir uly deri asty wenanyň sütüni zeperlenmän, eýsem onuň ugry boýunça iri akymlaryny hem zeperleýär. Bular ýaly ýagdaýlarda hadysa buda tarap seýrek yaýraýar, şonuň üçin hem tromboangitda diňe keseliň alamatlaryna göra bejergi geçirilýär.

**Bejergi.** Uly deri asty wenanyň tromboflebitinde bejergini antikoagulýantlardan başlaýarlar, ganyň reologiki görkezijileri we wenoz ganyň yzyna syrykmasyny gowylandyrýan gaýnaglama garşy steroid däl serişdeleriň ulanylmaklygy ýerli melhem kopressleriň we aşaky ahyrlaryň elastiki sargysy ulanylýar. Giperemiyanyň infiltrasiýanyň proksimal bölegi budyń ortaky we ýokarky çäklerine ýetende, näsaga uly deri asty wenanyň safenofemoral çykan yeriniň deňinden daňy goýmak operasiya geçirilýär. Ol hem bolsa öz gezeginde öýken arteriýasynyň tromboemboliýasynyň öňüni almak maksady bilen geçirilýär. Bular ýaly operasiyalarda trombly sütüni we warikoz giňelen wenany aýyrmak bolmaýar. Sebäbi bedende gaýnaglama hadysasy aktiw geçip durka, iriňli gaýrüzülmeler howpy has yokary bolýar we keseliň ýiti döwründe kosmetiki netijeligi gazanyp bolmaýar. Uly deri asty wenanyň ýiti tromboflebiti boýunça

safenafemoral daňysyny geçiren näsaglarda iki-üç aýdan soňra gaýtalanýan tromboflebitiň öňüni almak maksady bilen fleboektomiya geçirilýär.

**Aşaky ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarynyň ýiti trombozy.** Keseliň sebäbi takyk anyklanmadyk. Ýöne patologiki hadysa damar diwarlarynyň zeperlenmesi, ganyň bir ýerde saklanmasy we ganyň reologiki häsiýetleriniň bozulmasy bilen başlanýar. Keseliň döremekligine täsir edýän faktlarynyň birnäçe görnüşleri bar: ýaş aýal maşgalalaryň per-oral kontraseptiwleri ulanylmaklyk, kiçi çanaklarda göwrümli döremeleriň emele gelmekligi, uzak wagtlap düşek režiminde bolmaklyk paraplegiya, dograndan soňky döwür, onkologiki keseller, bulara garamazdan takyk belli bir sebäbiniň barlygyny bellemek kyn.

**Patogenez.** Kesel yiti başlap wenoz ganynyň yzyna syrykmasyna garşylyk döreýär we wena damaryň diwarlarynyň gaýnaglanmasy zerarly kollateral wenalary boýunça ganyň ýaýramasyna hem garşylyk döreýär. Soňlygy bilen tromblanan wenanyň rekanalizasiýa hadysasy başlap we olar boýunça patalogiki gan akymy dikelýär. Bu döwür keseliň alty aýynda tamamlanýar. Rekanalizirlenen wenadaky gan akymy kadaly bolmaýar sebäbi ol wenanyň içki diametri öňkiler ýaly bolmaýar. Trombozdan soňky klapanlaryň zeperlenmesi bolsa, ganyň retrograd akmasyna getirýär.

**Keseliň öňüni alys çäreleri.** Keseliň önüni alyş çäreleriniň esasy meselesi bu çuň ýerleşen wena damarlaryň tromboz bolmaklygynyň öňüni almaklykdyr, onuň bilen biz ýüze çykarjak gaýry üzülmeleriň we şol sanda öýken arteriýasynyň tromboemboliýasyny we tromboflebitden soňky sindromyň öňüni alýas. Näsaglary uly göwrümli operasiýalara (boşluk içki, ortopediki, ginekologika, urologika ýa-da neýrohirurgiki) taýýarlanylanda çuň ýerleşen wena damarynyň tromboza getiräýjek howp faktorlary ýüze çykarmaly we eger-de ýekeje tromboza bolan şübhelik bolsa şol wagty onuň öňüni alyş çärelerine başlamaly.

1.Keseliň medikamentoz öňüni alys çäreleri. Gepariniň bellenmesi belli bir derejede injik wena damaryň trombozynyň emele gelmek ýygylygyny pese düşürýär. Adaty ýagdaýda bir gije-gündiziň dowamynda iki gezek 5000 birlikden deri astyna sanjym edilýär. Bu usulyň esasy ýetmezçiligi gemorragiki gaýry üzülmeler howpyny döredýär. Bu keselde antikoagulýantlaryň (warfarin) içmek arkaly ulanmaklygy gowy netijeligi berýär. Häzirki döwürde esasan hem ortopediki operasiýalardan öňürti ulanylýar. Dekstran derman serişdesi çuň ýerleşen wena damarlaryň trombozynyň emele gelmek ýygylygyna täsir etmäni öýken arteriýasynda tromboemboliýanyň emele gelmek ýygylygyny pese düşürýändigini subut edildi.

2.Keseliň mehaniki öňüni alyş çäreleri. Operasiyadan soňky döwürlerde çuň ýerleşen wena damarlaryň trombozynyň emele gelmek ýygylygyny pese düşürmek maksady bilen elastiki daňylar, joraplar ulanylýar, bu elastiki daňylar we jorap dabandan buda tarap we damarlardaky basyşyň aratapawudyny kadalaşdyryp durýar. Has netijelisi aýagyň pnewmatiki kompresiýasy bolup durýar.

Kesel başlanda aşaky ahyrlardaky birden yüze çykýan çiş, agyry we deridäki gögermeler bilen başlaýar. Bu alamatlaryň bolýan ýerleri trombozyň derejesine bagly bolup durýar. Eger-de aşaky içi boş wena zeperlense, onda ahyrlaryň iki taraplaýyn çişmesi yüze çykýar. Ýanbaş segmentiniň proksimal tarapy zeperlense ahyrlaryň bir taraplaýyn çişmesi bolýar. But-dyz asty böleginiň trombozy dyz bogunynyň aşagynda zeperlenen alamatlary we injigin ähli wenalaryň okkulýuziýasy ýüze çykýar. Aşaky ahyrlardaky agyry sindromynyň ýüze çykmaklygy we gan aýlanşygynyň bozulmaklygy birnäçe segmentleriň zeperlenmek derejesine we kollateral gan akymynyň ýagdaýyna bagly bolup durýar. Çuň ýerleşen wena damarlaryň yiti trombozlary üçin damar-nerw desseleriň ugry boýunça dokumalardaky we myşsalardaky agyry alamatlaryna mahsusdyr. Injigiň myşsa wena damarynyň trombozy ýokarda durulyp geçirlen keseliň alamatlaryna meňzeş bolýar, yöne magistral wena damarlaryň geçirijiliginiň bozulmasy bolmaýar.

Kähalatlarda injigiň magistral wena damarynyň ýekeleyin ýa-da jübütden damarlaryň trombozy duş gelýär. Bular ýaly ýagdaýlarda kesel diňe agry alamatlary bilen häsiýetlenýär. Seýrek ýagdaýlarda magistral wena damarlaryň has aýdyň zeperlenmelerinde we kollateral gan akymynyň ýolunyň erbetliginde, ýiti wenoz trombozda wenoz gangrena ýüze çykýar, bular ýaly ýagdaýlarda ahyryň amputasiýasy geçirilýär. Keseliň insturmental diagnostikasy reňkli dupleks skanirleme arkaly geçirilýär, onuň kömegi bilen wena damarlardaky trombyň derejesini we ýaýraýşyny takyk anyklap bolýar. Eger-de ýanbaş aşaky boş wena zeperlenen bolsa, flotirleýji tromblary ýüze çykarmak retrogratkawagrafiýa geçirmeli. Bu barlagyń öýken arterýasynyň tromboemboliýasynyň öňüni almakda uly ähmiýete eýedir. Çuň ýerleşen wena damarlaryń trombozynda näsaga kömek bermekligin we soňraky agyr gaýry üzülmelerin önüni almaklygynyň esasy usuly operatsiya geçirmeklikdir. Trombektomiya näçe ir geçirilse şonçada ahyrlaryň çuň ýerleşen wena damarlary boýunça kadaly gany yzyna syrykmasyny üpjün etmeklik mümkinçiligi ýokarlanýar. Keseliň 10-14-nji gije-gündizinde trombektomiýanyň geçirmeklik netijesiz hasaplanylýar,sebäbi wena damardaky tromb dykyz ýerleşýär we klapanlar zeperlenýär. Eger-de aşaky boş we ýanbaş wenalarynda flotirleýji tromblar bar bolsa we 10-14 gije-gündiz geçen bolsa aşaky boş wena endowaskulýar kawa-süzüji-enjam goýulýar. Ol ahyrlaryň wena damarlaryndan gopan tromby saklap galyp, öýken arterýasynda tromboemboliýanyň doremekliginiň öňini alýar. Eger-de tromboektomiya geçirip bolmaýan bolsa ýa-da netijesiz bolsa, başlan tromb emele getiriji hadysany bes etmek maksady bilen konserwatiw bejegi geçirilýär. Netijede çalt we damarlaryň dykyz rekanolizasiýasyny we ganyň yzyna syrykmasynyň kollateral ýollarynyň işeňňirligini getirýär. Konserwatiw çäreleri öz içine göni antikoagulýantlaryň (wena damarlaryň içine gepariniň sanjymy) ulanylmaklygy. Ulanylýan geparinin derejesi 5000-10 000 birlik. Bejergide soşraky geparinin mukdary tromblaryň emele gelme wagtynyň görkezijisine görä bellenilýär, 1,5-2 esse kadadaky görkezijilerden ýokary bolmaly. Munuň bilen biz gemorragiki

gaýrüzülmeleriň ýygylygynyň pes derejesindäki adekwat antikoagulasiýany gazanýarys. Geparin bejergisi bilen bilelikde warfarin derman serişdesini peroral ýollary bilen ullanylýar. Çuň wena damarlaryň trombozlarynda elastiki kompressiýa geçirilende seresaply bolmaly. Uly deri asty wena boýunça ýekeje ganyň yzyna syrykmasyny üpjün edýän näsaglarda elastiki kompresiýa sargysy goýulyar ahyrlaryň ýagdaýyny erbetleşdirmegi mümkin.

**Tromboflebitden soňky sindrom**

Tromboflebitden soňky sindrom bu simptomlaryň jemi bolup çuň ýerleşen wena damarlaryň trombozdan soňky rekanalizasiya geçen böleklerdäki klapan apparadynyň ýetmezçiligi zerarly ahyrlardaky gan aýlanyşygyň bozulmasy netijesinde çuň wenalaryň ýiti trombozyny geçiren näsaglarda ýüze çykýar. Bu sindrom rekanalizasiýa geçmedik segmentlerdäki çuň wenalaryň geçirijiliginiň bolmazlygy netijede we kollateral gan akymyna çenden aşa agyrlyk düşmekligi netijesinde perforant we deri asty wenanyň klapan ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Netijede myşsa-wenoz pompa işjenligi bozulýar we durnukly wenoz gipertenziýa emele gelýär. Çuň wenalaryň trombozynyň tromboflebitden soňky sindromyň emele gelmeklik aratapawudy birnäçe hepde-den birnäçe ýyla çenli.

Bu sindromyn geçişi köp taraplaýyn bolup, dowamly wenoz ýetmezçilikleri alamatlary bilen ýüze çykýar. Olardan az ýa-da uzak wagtlap gorizontal ýagdaýda aýak üstünde durylmaýan ýadawlyk, çiş, agyrylyk ýaly alamatlar we çalt agyr ýagdaýlarda ýüze çykýan trofiki üýtgeşmeler bolýar. Köplenç bular yaly näsaglar agyr we durnykly maýyp bolup galýarlar.

1.Agyry-iň ýygy alamat. Näsaglar köplenç aýakdaky agyra, agyrlyga arz edýärler. Wagtal-wagtal bolýan agşamaklyk seýrek duş gelýär, butda ya-da injikde ýiti ýazylyp gelýän agyry bolýar. Wagtal-wagtal bolýan agsamaklyk-fiziki agyrlyk salnanda birden basyşynyň yokarlanmaklygy we ganyň yzyna syrykmasynyň kynlaşmaklygy netijesinde bolýar.

2.Çiş, ahyrlardaky çiş ýokary wenoz basyşyň täsiri astynda plazmanyň dokumalara süzülip geçmekligi netijesinde yüze çykyar.

3. Deriniň giperpegmentatsiýasy-eritrotsitleriň öýjügara boşlugyna çykyp dokumalarda gemosideriniň emele gelmekligi netijesinde yüze çykýar.

4.Deriniň we deri asty kletçatkanyň sklerozy birleşdiriji dokumanyň ösmekligi netijesinde yüze çykýar. Wenalaryň warikoz giňelmesi.

5. Dermotit- ekzema we wezikulyar örgün plazmanyň der bilen deriniň üstüni çykmaklygy netijesinde yüze çykýar.

6. Trofiki başýaralar. Gandan dokumalara iýmit maddalaryň difuziýasynyň bozulmasy netijesinde, fibriniň gatlaklanmasy we dokuma fibrinoliziň bozulmasy netijesinde trofiki başýaralar yüze çykýar. Adaty bolşy ýaly başýaralar injigin aşaky üçden bir böleginde. injik myşsasynyň gyrasynda yerleşýär. Köplenç bolsa wena damarlaryň köp yerleşen yeri bolup, injigin içki üstünde emele gelýär.

Keselin üç sany kliniki döwürlerni tapawutlandyryarlar:

1.Birinji döwründe ýokary ýadowlyk, agyrylar, aýagyň çişmekligi ýüzleý wenanyň giňelmesi, residiwirleýän trombozlar bolýar. Çişler durnyksyz we ahyryň ýokary galdyrlan ýagdaýynda olar ýitýär.
2. Ikinji döwründe durnykly aýdyň çişler deri asty ýag gatlagynyň agyryly möwjemesi galňamasy we injigiň içki distal bölekleriniň derisindäki giperpegmentasiýa bolýar.
3. Üçünji döwründe ganyň durmaklygy netijesinde yüze çykýan dermotitler we ýaýraýan uzak wagtlap bitmeýän baş ýaralar emele gelýär.

Diagnostikasy.(anyklanylyşy) dabanyň wena damarynyň kateter goýmak arkaly flebotonomiýa geçirilýär. Fiziki agramlyk salnanda wena basyşynyň ýokarlanmaklygy bu klapan ýetmezçiliginiň alamatydyr. Wena klapanlarynyň işjeňliginiň san taýdan barlaglaryny geçirmek üçin giňden fotopletizmografiýa, hil taýdan doppler barlagy geçirilýär.

Bejergisi. Bular ýaly näsaglara lukmançylyk kömegini bermeklik kyn bolanlygy zerarly bu keseliň her bir etabynda kömek berilýär. Diňe bir näsagyň az toparyna giňelen deri asty wenanyň aýrylmaklygy ýa-da perforant wenanyň daňysyny geçirmeklik bilen kömek edip bolýar. Käbir näsaglara wena ulgamynda şunt goymaklyk operatsiyalarny geçirip bolýar. Bu operasiýanyň maksady çuň wenanyň geçirijiliginiň we klapan işjeňligini dikeltmek üçin geçirilýär. Tromboflebitden soňky sindromly näsaglar ömri ötýänçä ganyň realogiki häsiyetlerini gowylandyrýan derman serişdelerini ulanmaklyk bilen we elastiki joraplary ýa-da daňylary goýmaklyk bilen geçirilýär. Ýöne elastiki kompressiýa hemişe kömek etmeýär. Bular ýaly näsaglarda aşaky ahyrlaryň wena ulgamyna ultrases barlagyny geçirip durmaly.

**Konserwatiw bejergi.** Keseliň ähli döwürlerinde elastiki joraplar geýilýär. Ondan başgada şu aşakdakylar maslahat berilýär. Birinji döwri. Režim:fiziki agramlyklaryň rasional goýluşy. Hereketiň režiminiň we aýak üstünde gezmekligiň dowamlylygynyň çägini bilmek üçin ahyrlaryň çişmesi hyzmat edýär.

Medikamentoz bejergi gönidäl täsirli antiagkoagulýatlar (fenelin), trombositleriň agrigasiýasynda garşy serişdeler (trental, reopoligýulikin) ganyň fibirinolitiki aktiwligini ýokarlandyrýan serişdeler (nikotin tursysy). Şu günki günde dowamly wenoz ýetmezçiliginin bejergisinde "Flebodiýa" derman serişdesi ulanylýar. Ilkinji täsiri onuň düzümindäki ýarym sintetik diosmin maddasy amala aşyryýar. Bu serişde wena damarynyň tonasyny ýokarlandyryar, antitoksidant we gemarralogiki aktiwlige eýe, pereferiki wena damara tonizirleýji täsir edýär we ýüregiň sag bölekleriniň propulsiw işjeňligini gowylandyrýar. Flebodiýa dokumalardaky mikrosirkulasiýany metobolizmini gowylandyrýar, angioprotektrflibo-we limfotoniki häsiyetlere eýe, ondan başgada membranany staplizirleyji täsirli. Ganyň adekwat oksigenasiýasyny üpjün edip damarlaryň endoteliýasyny gipoksiyadan goraýar.

Ikinji döwri. Medikomentoz bejergi talap etmeýär. Dynç alyş we iş režimini kadalaşdyrmaly, elastiki daňylary (sargy, jorap) hemişe dakynmaly, bedeniň

artykmaç agramyny peseltmeli, içege isjeňligini kadalaşdyrmaly, fiziki agramlary çüklendirmeli-esasan hem lukmanyň görkezmesi boýunça.

Üçinji döwri. Sellulitiň emele gelmekligi bilen häsiýetlenýär, çuñ we yüzleý wenalaryň çäklenen trombozlary, dermotit, trofiki başýaralar. Wenoz giperyiziýanyn ayrylmaklygy başýaralaryň emele gelmekliginiň esasy sebäbi bolýanlygy patogenitiki esaslanandyr.

**Keseliň operatiw bejergisi.**

tromboflibitden soňky sindromyň konserwatiw bejergi usuly oňat netijäni bermeýär, sebäbi bu bejergi usulynda diňe trofiki başýaralaryň bitmekligi bilen çäklenýär, yöne keseliň sebäbini bejermeýärler, netijede keseliň gaýtalanmasy ýüze çykýar. Flebologiýanyň döwrebap ösüşiniň tromboflibitden soňky sindromyň bejergisi hirurgiki usuly bilen amala aşyrylyp, aşaky boş wena ulgamynyň çuñ magistral damarlarynyň gany yzyna syrykmasynyň bozulmasynyň korreksiýasy geçirilýär. Operatiw gömüşleri.

1. Has giňden ullanylýan operasiýalaryň biri bu Lintonyň operasiýasy bolup çuñ wenadan yüzleý wena patalogiki ganyň akmasyny aýyrmaklyk üçin perforant wenalarda geçirilýän operasiýa.

2. T.T.S.S-da hirurgiýanyň esasy meselesi bu rekanazirlenen wenadaky klapanlaryň işjeňligini korreksiýa ýoly bilen dikeltmeklik, damaryň erkin alyp otyrdylmasy ýa-da ganyň yzyna syrykma ugryny iri wenalar boýunça ugrukdyrmak. (kadaly klapanly wena damarlary ullanylýar) Palmanyň, Wwedenskinin, uorreniň operatsiyalary.

Iri kalibrdaky magistral wena damarlaryň geçirmezligi yüze çykan näsaglarda iň gowy operasiýa awtowenoz şuntirleme bolup durýar. Bu operasiýanyň ýetmezçilikleri gerek bolan diametrdäki we uzynlykdaky şunty tapmaklyk kynçylygyna garamazdan bu operatsiya geçirilýär. Yekeje erkin transpartat bolup budyň ugry boýunça uly deri asty wena hyzmat edýär.

T.T.S.S-nyň ýanbaş but yerleşmesinde dürli şuntirleme operasiýalary maslahat berilýär. Operasiýanyň birinde safena but şunty goýulyar (Palmanyň operasiýasy), operasiýanyň beýleki birinde ýanbaş but ýa-da butma-but şunty goýulýar. Izolirlenen ýanbaş but trombozlarynda safena but şunty aýakdaky uly deri asty wenany şum hökminde ulanmak arkaly operasiya geçirilýär. Damarlaryň şikesinden soň çapyklaryň wena damarlaryny gysmaklygy netijesinde ugry boýunça uly bolmadyk trombozlarda gysga erkin awtowenoz şuntlary ulanylýar. Olar öz uçlary bilen zeperlenen wenanyň ýokarsyndan we aşgyndan dykylan yerinde anastamozlary emele getirýär. Olardan but-but, ýanbaş-but, ýanbaş-ýanbaş şuntlary goýulýar. Keseliň hirurgiki bejergisi meýilnamasy has cylsyrymlysy aşaky içi boş wena damarlarynyň sütüninin geçirmezligi bar bolan näsaglar topary degişli bolup durýar.

Aşaky içi boş wena sütüniniň we onuň aýratyn segmentleriniň (Böwrek üstki,böwrek we böwrek asty) izarialenen trombozlary seyrek duş gelýär. Bular ýaly näsaglaryň hirurgiki bejergisi şu aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär. Birinjiden

trombozlaryň ahyrlara but wenalaryna çenli ýaýran ýagdaýynda, we näçe ýokary bolsa şonça-da gowy. Ikinjiden proksimal ugry boýunça tromb böwrek wenalaryna ýetmeli däl, ýa-da böwrek wenalaryň astynda proksimal anastamozy goýmak üçin ýer bolmaly (awtowenoz şüntirleme operasiýasy geçirilende). Bular ýaly ýagdaýda but-kawal ýa-da ýanbaş-kawal, yeke we iki taraplaýyn şuntlary goýmak bolýar. Yöne gynansakda bular ýaly trombozyň ýerleşmesi örän seýrek duş gelýär. Onuň üstesine her bir üç näsagyň birinde awtowenoz şüntirlemeden soň baş ýyla çenli goýlan şunlaryň retrotrombozy yüze çykýar. Lintonyň operasiýasyndan soň näsaglaryň 85% oňat netijeler gazanylýar.

**Wena ulgamynyň dogabitdi keselleri.**

Öz häsiýeti boýunça bu keseller "dogabitdi tromboflebitden soňky sindromy" yada salýar. Bu kesellerin sebäbi takyk näbelli, yöne embrionyň (8-12 hepde) damar ulgamynyň emele gelip başlan döwründe teratogen täsirleriň esasy rol oýnaýandygyny aýdyp bolýar. Wena damarlaryň zeperlenmeleriň görnüşleri örän köp dürlidir. Bularyň arasynda magistiral wenoz sütünleriň gipoplaziýasy ýa-da olaryň bolmazlygy, yüzley we çuň wenalaryň klapanlaryň ýetmezçilikleri ya-da olaryň bolmazlygy, "Artykmaç" patologiki emele gelen wenalaryň (lateral embrional wena) emele gelmekligi, we şuňa meňzeşler. Keseliň geçişi iň köp ýaş näsaglarda, köplenç hem kesel pubertat ýaşdaky çagalarda duş gelýär. Bular ýaly näsaglara berjek kömegimiz çäklenen bolup kesel agyr geçýär.

**Asakgy içi bos wena ulgamynyň hirurgiýasy. Lukmançylyk amalyndaky täze sklerohirurgiýa we skleroterepiýa bejergiler.**

Keselin esasy patogenitiki mehanizimleri bu kiçi we uly deri asty wenalaryň sütün klapanlaryň ýetmezçiligi, perforant wenalaryň yetmezçiligi. Troýanowa-Trendellenburgyň, Kokkettyň, Lintonyň operasiýalary geçirilýär. Goşmaça Bepkokkyň we Naratunyň fleboektomiýasy geçirilýär. Bular ýaly operasiýalaryň geçirilmezlik zerurlygyna garamazdan soňky döwürlerde bu operasiyalardan soň gan akma howpy we deri asty gematomalaryň emele getirýändigi zerarly geçirilmeýär.

Şol wagtyň özünde skleraterapiýa bejergisi warikoz kesellerinde radikal däl bejergi usuly esasynda geçirilýär. 1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda dünýä edebiýatlarynda "sklerofrargiya" termini has ulanyp başladylar. Bejerginiň bu usulynda katetoryň kömegi bilen implantirlenen uly ýa-da kiçi deri asty wena sütüni boýunça flepekistrosiýa geçirilen ýerinden sklerozirleýji serişdeler goýberilýär (intaoperatiw sütün skleraterepiýasy). Goşmaça warikoz üýtgän wenalaryň Warat boýunça kesmekligiň ýerine operasiýadan soňky funksion skleraterapiýa geçirilýär. Bu usulyň kömegi bilen operasiya geçirilende 2-3sm 1,5 sm. uzynlykdaky kesikler bilen çäklenmek bolýar.

Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň warikoz kesellerinde döwrebap radikal bejergi hökmünde "Sklerohirurgiýa "ullanylýar. Bu bejergi usuly özüniň az wagt sarp edilýändigi bilen, agyrsyz geçirilýändigi bilen, ambulator şertlerde geçirip bolýandygy bilen tapawutlanýandyr. Sklerohirurgiýany ambulator şertlerde geçirip

bolýandygynyň birnäçe üstünlikleri bar: birinji üstünligi bejergini doly tamamlap bolýar, sebäbi näsag ilkinji ýüz tutan gününden başlap, bejergi tamamlanýança operasiýany geçiren hirurgyý dispanser gözegçiliginde bolýar. Ikinji bir üstünligi halkyň köpçilikleýin sanasiýasyny geçirip bolýar. Munyň warikoz kesellerinde geçirilýän operasiýalaryň wagtyny 1,5-2 sagatdan 25-40 minuda çenli gysgaldylmagy bilen gazanylýar. Üçinji üstünligi kosmetiki taýdan oňat netijeli we fleboektomiya üçin gayry üzülmeleri (gematoma, nerw sütünleriň zeperlenmesi) goýmaýar.

Bu usul näsagyň estetiki talaplaryny ödeýär, fiziki agyrlyklary döretmeýär, psihiki diskomforty ýüze çykarmaýar, ýaşaýşyň hilini gowulandyrýar. Dördünji bir üstünligi, ambulator bejergi, stasionar bejergä görä has tykşytly bolsada şonçada şu kesel bilen ejir çekýän halkyň köp bölegine eýe ýeterli bolýar. Sklerohirurgiýa bejergisi geçirlende, onuň esasy düzgüni we oňat netijeligi gazanmaklyk şertleri-bu keseliö ähli patogenlerini we gemodinamiki bozulmalaryny bilýän, aşaky ahyrlaryň damarlarynyň anatomiýasyndan baş çykarýan, ýörite okuwlary geçen damar hirurg lukmany tarapyndan geçiriljek sklerohirurgiýa bejergisiniň meýilnamasyny düzmeli we oňat edip ony geçirmeli.

**Skleroterapiya bolan görkezmeler**.

1.Injigiň we budyň lateral üstki deri asty wenalaryň izolirlenen warikoz giňelmesi we perforant wenalarynda üýtgeşmesiz, uly we kiçi deri asty wenalaryň oýundaky perforant we sütün wenalaryň kompatenigi.

2. Deri içki damarlardaky üýtgeşmeler -teleangiektaziya (damar ýyldyzjyklary), deri asty we paboryň torlaýyn giňelmesi.

**Sklerohirurgiýa bolan görkezmeler.**

1.Uly we kiçi deri asty wenalaryň merkez klapynlaryň ýetmezçiligi.

2. Perforant wenalaryň klapan ýetmezçilik alamatlary.

3.Injik we üstki içki-önki deri asty wenalaryň ýaýran warikoz giňelmesi.

**Aşaky ahyrlaryň wenalarynyň zeperlenmesindäki umumy hiruriki soraglar**.

Wena damarlaryň ýaralanmasyna şu aşakdaky operasiya usullary ullanylýar:

1. Ýaralanan yerindäki wenalaryň daňysy (ýaranyň ýokarsyndan we aşagyndan).
2. Wenaektomiya.
3. Wena damarynyň ligaturasy.
4. Ýara gysgyçlaryň goýulmasy we gysgyçlary ýarada galdyrmaklyk.
5. Wena damarlarynyň dikini.
6. Aýlawly dikin.
7. Wena damarlarynyň plastikasy.

Ýokarda durulyp geçilen operasiyalardan başga bejergiler talap edýän iri wena damarlarynyň izolirlenen zeperlenmeleri seyrek duş gelip, damarlary zeperlenen näsaglaryň umumy sanyna bolan gatnaşygyndan 10% ýokary bolmaýar..

Köplenç wena damarlaryň ýaralanmasy, arteriýalar we nerwleriň zeperlenmesi süňklerin döwülmesi bilen bilelikde gelýär. Ýaralanmanyň netijesini

doly aýyrmak üçin diňe bir arteriýa we nerwleriň dikeldilmesi dälde eýsem iri wenalaryň işjeňligini dikeltmeklik zerurdyr. Şunuň bilen bir wagtda wenoz ganynyň yzyna syrykmasyny dikeltmek bilen ýaranyň çalt bitmesini, döwük sünkleriň bitişmesini we nerwleriň regenerasiýasyny üpjün edýär. Wena damarlarynyň gemodinamiki şertlerini gowulandyrmak bilen zeperlenen arteriýalardaky dikeldiş işlerinden soňra tromblaryň emele gelmeklik howpyny azaldýarys. Zeperlenen wena damarlarynyň uçlarynyň daňysy köplenç ýara töwereginde geçirilýär. Ýöne, ýaralanan damarlaryndaky trombozlaryň we olaryň ýaýrama howpy köp sanly hirurglary, sagdyn dokumalaryň çägindäki wenalaryň daňysyny amala aşyrýarlar. Wena daňysy geçirilenden sonra spazmlaryň öňüni almak üçin wenalar ligaturalaryň arasyndan geçirilýär ýa-da rezeksiýa geçirilýär.

Hirurgiýa amalynda magistral wenalaryň daňysy diňe bir gan akmany duruzmak üçin geçirilmän eýsem, öz-özünden geçirilýän operasiýa hökmünde ulanylýar. Öýken sütünininiň emboliýasyna bolan howpynda, ýanbaş wenalaryň ýa-da aşaky içi boş wenalaryň daňysy geçirilýär. Köplenç bular ýaly ýagdaýlarda dürli dişli klemmalaryň kömegi bilen wenalaryň plikasiýasy, mehaniki tikinleri ýa-da damar içki filtileriň (süzgüçlerin) implantasiýasy geçirilýär.

Magistral wena damarlarynyň daňysyndan soňraky ýüze çykaýjak netijeleri. Has hem howuplysy bolan böwrek wenalaryndan proksimal tarapyndan ýerleşen aşaky içi boş wenasyna daňy goýmakdyr. Aşaky içi boş wenanyň infrarenal böleginiň, umumy ýanbaş wenanyň, budyň çuň wenasyndan distal tarapynda ýerleşen but wenasynyň daňysyndan ýa-da rezeksiýasyndan soňra aşaky içi boş wenanyň oýundaky wenoz ganyň yzyna syrykmasynyň öwezini dolup bolýar. Injigiň çäginde ýerleşen çuň wenalaryň rezeksiýasy geçirlende wenoz ganyň yzyna syrykmasy oňat kompensirlenýär. Böwrek wenalaryndan proksimal tarapynda ýerleşen aşaky içi boş wenanyň daňysy geçirilende ol bedeniň ölmegine getirýär, diňe ýeke seýrek ýaşaýyş bolmagy mümkin. Eger-de wena damary jübüt däl anatomigiki gurluşynda bolsa we onun iri sütünleri çep bowrek ya-da aşaky içi boş wena damarlary bilen anastomozlaşan bolsa oňat netijeleri alyp bolýar. Bular ýaly ýagdaýlarda jübüt däl ýa-da ýarym jübüt däl wena damarlary wenoz ganynyň yzyna syrykmasynyň kompensasiýasyny üpjün edýär. Aşaky içi boş wenanyň zeperlenmesiniň bejergisi çylsyrymly bolan soň, 40-50% ýokary ölümçilik bilen gutarýar.

Her bir iri wena damarlarynyň rezeksiýasy ýa-da daňysy, diňe bir ganyň yzyna syrykma şertlerini bozman, eýsem onuň bilen bilelikde köplenç trombozlaryň ýüze çykmasyny we umumy gemodinamikanyň bozulmalar howpyny döreýär. Iri wena damarlarynyň daňysy goýlandan soňra, wenoz basyşynyň ýokarlanmasy, arteriýalardaky gan akymy peseldýär we trombozlaryň emele gelmesine başlangyç berýär. Tromblaryň emele gelmekligi üçin has amatly şertler, haçanda magistral wena damarlaryň iri akymlarnyň daşlaşan yerinde, daňylar goýulanda ýüze çykýar. Wena damarynyň ahyrynda gan akmasynyň saklanmasy, trombyň emele gelmekligine getirip, diňe bir wena damarynyň ahyrynyň çäginde ýaramaklyk bilen

çäklenmäni, eýsem öýken arteriýasynyň emboliýasynyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin goýulan ligaturadan, proksimal tarapda emele gelen tromb, wenanyň distal tarapynda emele gelen tromblara görä has howply hasaplanýar. lri wena damalaryna gelip guýan ýerine ýakyn daňylaryň, ligaturalaryň goýulmaklygy, tromblaryň emele gelmekliginiň öňüni alýar, wenanyň daňysy goýulandan sonra, onuň akymlary wena ýany akymlar boyunçã amala aşyrylýar. Magistral wena damarlaryndan proksimal tarapyndan ligaturany goýulmaklygy, gan akymyny ýokarlandyrýar we tromblaryň emele gelmekligini pese düşürýär. Magistral wenalaryň zeperlenmesinde gan akmany saklamak üçin, iki sany ligatura goýulýar. Distal ligatura uly gan akymyna goýulýar. Magistral wenada we onuň akymlarynda (wenoz gipertenziýa şertlerinde) klapan ýetmezçilikleri yüze çykýar. Şonuň kömegi bilen goýulan ligaturadan distal tarapda ýerleşen iri şahasynyň wena ýany gan akymy, üpjün edilýär. Şonuň bilen wena goýulan, ligaturadan distal tarapyndan gan akymy dowam edýär we tromblaryň emele gelmekligi peselýär.

**Ýanbaş wenalar boýunça ganyň yzyna syrykmasynyň bozulmalaryndaky geçirilýän operasiyalar.**

Ýanbaş wenalaryň geçirlmezliginiň esasy sebäbi trombozlar bolup, ganyň yzyna syrykmasynyň bozulmalaryny agyry görnüşinde, keseliň geçişi häsiýetlenýär we aşaky ahyrlaryň ýaýran çişleri, deri örtüginiň üýtgemeleri, gasyk böleginde we butda deri asty wenalaryň has aýdyňlaşmagy, Çep umumy ýanbaş wenanyň izolirlenen stenozy, kä halatlarda sag umumy ýanbaş arteriýanyn geçýän yeriniň deňinde emele gelýär. Wenanyn şu böleginde germewjikler, birleşmeler bolup ganyň yzyna syrykmasynyň kynlaşmagyna getirýär. YaW trombozlary izolirlenen görnüşinde seýrek bolýarlar, adaty ýagdaýlarda, Ýaw bilen aşaky ahyrlaryň çuň wenalary zeperlenýär. Şonuň üçin hem tromdan soňraky obliterasiýa ya-da YaW-nyň doly däl rekanalizasiýasy, aşaky ahyrlaryň çuň yerleşen wenalarynda emele gelen trombdan soňky üýtgeşmeler bilen geçýär. Ýerli okklyuziýanyň bolmaklygy, ganyň yzyna syrykmasynyň kollateral yollarynyň emele gelýändiginiň häsiyetnamasydyr. Umumy ÝaW izolirlenen okklyuziýasy çanak içki kolleteralaryň emele gelmesi bilen häsiýetlenip, parawertebral wenalar boýunça we ÝaW garşy tarapyndan içki ganyň yzyna syrykmasyny üpjün edýär. Daşky ÝaW okklýuziýasy içki wenalaryň giňelmesi bilen geçip, garyn diwarynyň aşaky bölekleriniň deri asty kleçatkadaky iri konglomeratlar görnüşinde geçýär. Haçanda ÝaW-nyň birden daralmasy ýa-da obliterasiýasy yüze çykyp, ganyň yzyna syrykmasyny kynlaşmasyna getirende hirurgiki korreksiya geçirmeklik zerurdyr. Operasiýa geçirmezden öňürti, diňe bir çanaklyk töweregindäki wenalaryň patalogiki üýtgeşmeleri barada düşünjeleri bolman, eýsem aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň hem patalogiki üýtgeşmelerine üns bermeli. Atanak şekilli şuntirleme operasiýasyna (izolirlenen) görkezmeler seýrek bolýar. Adaty şol bir wagtda ýa-da operasiýalaryň ikinji tapgyrynda, aşaky ahyrlaryň wenalarynda operatiw işleri geçirilýär.

**Operasiyalara bolan görkezmeler.**

Geçiriljek operasiýanyň häsiyeti we göwrümi patalogiki üýtgeşmeleriň görnüşine görä kesgitlenýär, ol ýerde patologiki ojagyň ýanbaş wenalarda ýerleşýän ýeri we ganyň yzyna syrykmasynyň bozulma derejesi göz önüne tutulýar. Ýanbaş wenalardaky operasiýalar geçirilende, kähalatlarda ol wena damarlaryň geçirijiligini bozmany, damarlarda ösüp barýan howply çişleri ayryp bolýar.

| **Operasiýanyň görnüşleri** | **Görkezmeler** |
|---|---|
| Wena damarynyň bir böleginiň ýa-da onuň diwarynyň bir böleginiň transplamtant bilen çalyşylmagy. | Wena damarlarynyň çäklenen stenozlary we ýaralanmalary. |
| Ýanbaş wena damarlarynyň ýaran trombdan soňky okklýuziýasy. | Aýlawly ýa-da atanaklaýyn goýulan şuntirlemesi. |

Aýlawly şuntirleme, haçanda aşaky ahyrlaryň wenalaryndaky zeperlenmedik klapanlary şikeslenmezden geçirilýän operasiýalary. Bular ýaly ýagdaýlarda ganyň adekwat yzyna syrykmasyny üpjün etmek üçin gerek bolan diametrlerdäki şuntlary goýup bolýar, ol goýulan şuntlarda klapanlaryň bolmaklygy hökmany däl. Eger-de cuň wenalarda klapanlar zeperlenen bolsa, onda goýulan şunt aşaky içi boş wenalardan patologiki ganyň reflýuksynyň ýüze çykmalygy üçin şertleri döredýär. Geçirilýän operasiýalarda klapanlary bütin, uly deri asty wenalary şunt autotransplantanty hökmünde ulanylanda, ol adekwat ganyň yzyna syrykmasyny üpjün edip bilmeýär. ÝaW çäklenen okklyuziýalarda aýlawly şuntyň goýulmasy has amatly bolýar, haçanda onun gasyk düwüniň astynda geçirilmesi talap etmeýän ýagdaýynda. Haçanda gasyk düwüninden aşakda goýulan şuntdan distal tarapynda anastomozlar emele gelse, goýulan şuntyn gysylmasy we trombozynyň döremekligi ýokarlanýar. Ýanbaş wenalaryň trombdan soňky bir taraplaýyn okklýuziýalarynda we ol aşaky ahyrlaryň çuň wenalarynyň zeperlenmesi bilen bilelikde geçýän bolsa, atanaklaýyn şuntirlemäniň ulanylmasy has ýerliklidir. Geçirilen operasiýalaryň şikes döredijilik derejesi uly däl. Şuntirlemek üçin klapanlary bolmadyk giňelen wenalary ulanmak bolýar, sebäbi goýulan şunt boýunça retrograd gan akymyna sagdyn ahyryň but wenalarynyň subingwinal böleginde yerleşýän wenalardaky klapanlara garşylyk döredýär. Atanaklaýyn wenalaryň yerleşmekligi, patologiki retrograd gan akymynyň derejesini peseldýär. Adaty atanaklaýyn şuntirlemesini, aýakdaky wenalarda ulanyp bolýar, sebäbi diňe bir anastomozy goýup bolýar.

**Sözümiň ahyrynda.** Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň ýetmezçiliklerindäki, geçirilýän bejergilerinde ýüze çykýan meseleleri doly çözülen diýip hasap edip bolmaýar. Gynansakda, aşaky ahyrlaryň damarlarynyň agyrlaşmadyk keselleri, hirurg lukmanlaryndan başga ugurlarda işleýän lukmanlaryň ünsüni çekmeýär. Aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň ýetmezçilikleri bilen syrkawlan näsaglar daşyndan göräýmäge sagdyn we birnäçe ýyllaryň dowamynda aktiw subýekt hökmünde ýaşaýşyny dowam edýär. Ýöne gynasakda, bu hemişe beýle däl. Haçanda şu keseller ötüşen görnüşinde, angiohirurg lukmanlaryna duş gelende, bu kesselliň näsaglar kompensirlenen döwründe bejergi geçirilmändigi zerarly, köp bejergi mümkinçilikleriň ýitirilendigine göz ýetirip

bolýar. Bu aşaky ahyrlaryň wena damarlarynyň ýetmezçiliklerinde geçirilýän bejergiler baradaky gollanma ähli ugurlardaky işleýän lukmanlara uly kömek bolar diýip umyt edýäris.